ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ ÝoKARY WE ÝÖRITE
ORTA BILIM MINISTIRLIGI

AJINIÝAZ ADYNDAKY
NÖKIS DÖWLET PEDAGOGIKA INSTITUTY

«MEKTEBE ÇENLI WE BAŞLANGYÇ TÄLIM» FAKULTETI

«BAŞLANGYÇ TÄLIM WE TERBIÝEÇILIK IŞ»
KAFEDRASY

## «TEBIGATY ÖWRENIŞ WE ONY OKATMAK METODIKASY»

**dersinden**

# OKUW-METODIK KOMPLEKS

NÖKÜS-2018

ÖZBEKIŞTAN RESPUBLIKASY ÝOKARY WE ÝÖRITE ORTA BILIM MINISTRLIGI

Äjiniýaz adyndaky Nökis döwlet pedagogik instituty

**Başlangyç bilim kafedrasy**

**«Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy»**

dersi boýunça

# OKUW -METODYK KOMPEKS

**2-kurslar üçin**

Bilim ugry: 100000 – gumanitar
Bilimlendiriş ugry: 110000 – pedagogika
Bilim ýönelişi: 5111700- Başlangyç tälim we sport terbiýeçilik iş

**Nöküs-2018**

Dersiń okuw-metodik kompleksi Nyzamy adyndaky TMPUniń okuw maksatnamasyna laỳyk işläp çykaryldy.

**Düzen:**
**I.Hojaniỳazowa** – Ajiniỳaz adyndaky NDPI, Başlangyç tälim we sport terbiỳeçilik iş kafedrasy assistenti

**Pikir bildiren:**
**Allamuratova G.** – Ajiniỳaz adyndaky NDPI «Botanika» kafedrasy mugallymy, b.y.k.

Ajiniỳaz adyndaky Nöküs döwlet pedagogic instituti okuw metodik keńeşinde ara Eỳsemnyp maslahatlaşyldy we 2018-nji ỳyl "30» iyundaky №11 sanly beỳannama bilen tassyklanan.

# Mazmuny

**Okuw materiallary**

1.1. leksiÿa tekstleri

1.2. amaly

1.3. seminar

2.Özbaşdak işler

**3.Glossariy**

**4.Goşmaçalar:**

4.1.Nusgawy maksatnama

4.2. Is okuw maksatnama

4.3.Targatma materiallar

4.4.Testler

4.5.Bahalamagyṅ kriteriÿasy

# Okuw materiallary

## 1.1. leksiỳa tekstleri

ÖZBEKIŞTAN RESPUBLIKASY ỲOKARY WE ỲÖRITE ORTA BILIM MINISTRLIGI

Äjiniỳaz adyndaky Nökis döwlet pedagogik instituty

Başlangyç tälim kafedrasy

«**Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy**» dersinen

# lektsiya teksti

Tälim ỳöneleşi: 5111700- Başlangyç tälim we sport terbiỳeçilik iş

**Leksiỳa-1.**
**Tema: Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy dersiniň maksady we wezipeleri**

**Meỳilnama:**

1.1. Tebigaty öwreniş dersi we ony okatmak meseleleri.
1.2. Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy dersiniň maksady we wezipeleri.
1.3. Tebigaty öwreniş metodikasy tarapyndan öwrenilỳän we işläp çykarylỳan işler.
1.4. Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy dersiniň başga dersler bilen baglylygy.

**Daỳanç düjünjeleri:**

Tebigaty öwreniş dersi hakynda düşünje bermek; dersiniň mazmuny we esasy wezipeleri hakynda; tebigaty öwreniş metodikasy tarapyndan işläp çykarylỳan iş görnüşleri; geografiỳa, astronomiỳa, fizika we ş.m. dersleri bilen baglylygy.

**1.1. Tebigaty öwreniş dersi we ony okatmak meseleleri**

*Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy dersi - başlangyç synp okuwçylaryny ene tebigatymyzy gorap-saklamaga, olary gorap bilmäge, ekologik taỳdan terbiỳelemegin mazmuny bilen metodlaryny açyp barỳän pedagogik ylym bolup hasaplanỳar. Ol pedagogik tarapdan işläp çykylan barlaglara esaslanỳar we onuň metodlaryndan peỳdAlanylỳar, emma öz dersini okatmagyň mazmuny bilen aỳratynlyklary eỳe ylym ders sypatynda okadylỳar.*

*2-synpda «Gurşap Alan tebigat» dersini öwrenmekde ỳyl dowamynda 14 sagat, hepdesine 1 sagatdan bölüşdirilen.*

**1.2. Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy dersiniň maksady we wezipeleri.**

Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy dersiniň maksady başlangyç synp okuwçylaryny bügünki gün talaplary esasynda täze pedagogik tehnologiỳEỳsemary ulanyp, ỳaş nesle tebigaty öwrenişi dersini öwrenmäge taỳỳarlamaga bolup hasaplanỳar. Eỳsem, dersiniň esasy wezipeleri aşakdakylardan ybarat:

1.Okuwçylara tebigaty öwreniş hakynda in zerur ylmy-nazary bilimleri bermek.

1. Başlangyç synplarda tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy dersi bilim terbiỳeleỳjilik, ösdürijilik wezipelerini şöhlelendirmek.
2. Okuwçylara tebigaty öwreniş dersi bazasynda zamanagöỳ pedagogik tehnologiỳalar hakynda bilim bermek.
3. Okuwçylara okuw metodik edebiỳatlary, maksatnama we dersiklikleri analizlemägi öwretmek.
4. Okuwçylara tebigaty öwreniş dersini ökatmagyn her hili usullary we metodlary bilen tanyşdyrmak .
5. Okuwçylara bu dersden ökatmagyň her hili guramaçylyk formalary, usullary, zerur görkezme esbaplaryny dogry peỳdalanmak gönükmelerini peỳda etmek.
6. Tebigaty öwreniş meselelerine baglanyşykly meseleler, edebiỳatlara pikir, annotasiỳa ỳazmagy öwretmek.
7. Başlangyç ders we dersden daşary agşamlary erkin metodik taỳdan dogry analizlemegi öwretmek.
8. Dersler ara baglanyş we bilim-terbiỳe integrasiỳasy esasynda her hili ders tipleri üçin ders işlenmeleri, meỳilnama-konspektler düzmäge taỳỳarlamaga.
9. Mekdepde tebigaty öwreniş derslerini okatmakda ekologik we tebigaty goramagy öwretmek.
10. Okuwçylary gündogar akyldarlarynyn ynsan we ony gurşap duran tebigat bilen baglanyşlaryna bagyşlanan eserleri, olaryn dünỳä gözgaraỳyşlary bilen tanyşdyrmak , şeỳle hem, tebigata baglanyşykly aforizm, rubaỳy we goşgulardan tebigaty öwreniş derslerinde peỳdalanmagy öwretmek.

Mundan daşary, tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasynyň umumy pedagogik we özüne mahsus metodlary, dersı dogry guramak taryhy we gelejek meỳilnamalaryny düzmek, dersden daşary agşamlary guramak usullaryny öwrenmek ỳaly meseleler hem bu dersiň esasy meselelerinden biri bolup hasaplanỳar.

*Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy dersiniň iň esasy wezipesi okuwçylary sosial durmuşa we zähmet bilen tanyşdyrmak, özleriniň erkin tutmak medeniýetine terbiýelemek nazarda tutulan.*

*Okuwçylary jemgyýet durmuşy bilen tanyşdyrmak forma, metodlary her hili ekskursiýa alyp, barmak, gürrüň geçirmek, derslık bilen işleşmek, dünýäni bilmäge gyzykly materiallary okuw, diafilm, kinofilmler, diapozitivler görkezmek, her hili baýramlara taýýarlyklardan olaryň toplumlaryndan peýda bolýar.*

*Okuwçylary tebigat bilen ýakyndan tanyşdyrmak, tebygy obýektler we hadysalar hakynda düşünjeleri formalaşdyrmak, tebigata mehir-muhabbet oýarýar, tebygy ortalygy gorap saklamaga terbiýelemek nazarda tutulýar.*

*Okuwçylary tebigat bilen tanyşdyrmagyň esasy metody - syn etmek, guramak formasy ýerlikli şaraýata seredip, mekdep tejribe uçastkasyna, ferma-miýwezarlyga ekskursiýa alyp barmakdan ybarat.*

*Ekskursiýa barmak üçin özi ýaşaýan ýeriniň tebigat obýektleri saýlap alynýar. Adamlardyň zähmeti we okuwçylaryň sosial taýdan peýdaly zähmetini öwrenmekdemateriallaryň yzygiderlilik bilen beýan edilmegi üns bermegi gerek.*

### *1.3. Tebigaty öwreniş metodikasy tarapyndan öwrenilýän we işläp çykarylýan işler*

*Tebigaty öwreniş metodikasy tarapyndan öwrenilýän we işläp çykarylýan işler aşakdakylardan ybarat:*

1. *Tebigaty öwrenişiň okuw dersi hökmündäki okalýan we terbiýeleýjilik manysy.*
2. *Onuň edep-ekramlylyga terbiýelemek sistemasyndan tutulýan orny.*
3. *Okatmak materiallarynyň mazmuny we onuň bölüşdirmek sistemasy.*
4. *Okatmak metodlary we okuwçylary guramak formalary.*
5. *Materialyň okuwçylar tarapyndan özleşdirmek protsesi we okatmak netijelerini hasaba almak.*
6. Esbap we okuw gollanmalaryndan peýdalanmak.
7. Synpdan daşary we dersden daşary işler.
8. Ökatmagyn material bazasy.

Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy dialektik materializm filosofiýasyna esaslanýar, tebigat ýagdaýlaryny öz-ara ýakyn baglanyşykda ösdürip öwrenmäge uly mümkinçilik berýär.

Tebigaty öwreniş metodikasy pedagogik ýaly barlag metodlaryndan peýdalanylýar. Barlagçy-metodist mekdepde tebigaty öwrenişı okatmak protsesini syn edýär, syn eden faktlerini analizleýär we deňeşdirilýär, hadysalar arasyndaky kanuny baglanyşlary anyklaýar, netije we umumlaşdyryjy dogrylygyny amalda barlaýar we munuň netijesinde tebigaty öwrenişı okatmak printsiplerini belleýär.

Syn etmek we eksperiment (tejribe)-tebigaty öwreniş metodikasy ugrundaky iň ähmiýetli barlag metodlary bolup hasaplanýar.

### 1.4. Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy dersi başga dersler bilen baglylygy.

Tebigaty öwreniş metodikasy pedagogik ylym hökmünde didaktika bilen hem baglanyşykly gelýär. Diňe bilim bermegiň we edep-ekramlylyga terbiýelemegiň pedagogik maksadlary bilen wezipelerine esaslanyp tebigaty öwrenişiň mekdep kursuny dogry düzmek, onuň okuw dersleriniň başlangyç we gelejekgi synplardaky sistemasynda orny bilen roluny dogry anyklamak mümkin.

Tebigaty öwreniş metodikasy şeýle hem fiziologiýa, anatomiýa, gigiena, botanika, zoologiýa, geografiýa, agrotexnika, meteorologiýa, logika, psixologiýa bilen ýakyn baglanyşykly bolýar. Bu ylymlara baglanyşykly mugallymyň olaryň esasyna gönükdirmek

Bilmek ukyplylygynda, iň esasysyny aýratynlandyryp bilmek we materialy okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny hasaba alan halda düşündirmegi gerek. Okuwçylar synpyň janly tebigat burçundaky biologiýa we tebigaty öwreniş kabinetlerindäki ösümlikler, olaryň atlary, bir-birinden tapawudy, janly ýagdaýy bilen tanyşdyrylýar.

Zähmeti öwretmek derslerinde predmetler aralyk baglanyş temalaryna laýyk, okuwçylar ýönekeý agrotexnika usullary, ýapyrakdan, galamçylardan we ýumurtgadan köpeltmek bilen birlikde öwredilýär, mekdep öňündäki ýerinde iş işledýär. Mundan daşary tebigat gujagyna ekskursiýa guralýar.

**Berkleşdirmek üçin soraglar:**

1. Tebigaty öwreniş dersi nämäni öwredỳär?
2. Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy dersiniṅ maksady we wezipeleri nämälerden ybarat?
3. Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy nähili ylymlar bilen baglanyşan?
4. Tebigaty öwreniş metodikasy dersiniṅ didaktika bilen baglanyşykly näme?
5. Okuwçylary tebigat bilen tanyşdyrmakda nämeden metodlardan peỳdalanỳarys?

**Edebiỳatlar:**


1. Akvalieva G.N. Prirodovedenie v malokompleksnoy shkole. M., 1988.
2. Bel`skaya I.M., Grigoryants A.P. Tabiyatshunoslikni wqitish. T., 1986.
3. Haydarov Q.H. Tabiatshunoslik asoslari va bolalarni atrof tabiat bilan tanishtirish metodikasidan laboratoriya mashg`ulotlari. T., 1980.
4. Grigoryants A.G. Tabiatshunoslik (3-cinf uchun darslik). T., 2001.


## Leksiỳa-2

## Tema: Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy ylmynyṅ ösüş ugurlary

**Meỳilnama:**

2.1. Tebigaty öwreniş ylmynyṅ durmuş bilen baglanyşyklylygy.

2.2. Tebigaty öwrenişı okatmak metodikasy dersine goşant goşan alymlaryṅ zähmetleri hakynda.

2.3. Häzirki wagtda Özbekiştan mekdeplerinde tebigaty öwrenişı okatmak usullary.

2.4. Tebigaty öwreniş kurslary dowamynda mekdebe bagyşlanan okuw metodik gollanmalar, derslikleriṅ neşir edilmegi.

**Daỳanç düjünjeleri:**

Tebigaty öwreniş dersiniṅ durmuş bilen baglanyşyklylygy; Özbekiştan Respublikasynda tebigaty öwreniş ylmy; tebigaty öwrenişı tanyşdyrmak dowamynda ugurlar, mekdep üçin bagyşlanan okuw metodik kompleksler, derslik, metodik gollanmalar, syn etmek gündelikler; tebigaty öwrenişi okatmak metodikasy dersine goşant goşan V. F. Zuev, K. D. Üçinskiy, A.Ya.Gerd we ş.m. alymlaryṅ zähmetleri hakynda.

**2.1. Tebigaty öwrenişiṅ durmuş bilen baglanyşyklylygy.**

Tebigaty öwreniş özüniṅ mazmuny we okatmak metodlary dowamynda okuwçylary edep-ekramlylyga terbiỳelemek üçin çägi ỳok mümkinçilige eỳe.

Tebigaty bilmek - dünỳä göz-garaỳşy oỳarỳan ylym, şonuṅ üçin-de tebigaty öwreniş dersleri okuw materialy mazmunyny ỳetirilişi metodikasynyṅ oỳlanyp goỳulmagyny talap edỳär.

Onuṅ esasy maksady diṅe bilimler toplumyny ỳatda tutmakdan däl, eỳsem, olary ynamly döretmäge aỳlandyrmakdan hem ybarat bolup hasaplanỳar.

Ynam adamlara, gurşap alan tebigata, adatlara, hereketlere, tertibe bolan gatnaşyklarda hem anyk görünmegi gerek. Munda tebigaty öwrenişiṅ durmuş bilen bolan baglylygy birinji planda almaga goỳulỳar.

Okuwçylary olara golaỳly bolan formada esasy döwlet karar bilen tanyşdyrmak aỳratyn ahmiỳete eỳe bolỳar, bu kararda biziṅ durmuşymyzyṅ ritmi, konkret hojalyk planlary anyk görünỳär.

Bu meseläni aṅsatlaşdyrmak üçin görkezme materiallardan, diafilmlerden, merkezi we ỳerlikli periodly neşir sözdäki materiallaryṅ kinofilmleri we telefilmleri taỳỳarlamakdan, zähmet gahrymanlar, abraỳly pagtakeşler, çarwalar, öndüriş öṅündäkileri hakynda gürrüṅ bermek, kitaplardan, okuwçylar bilen birlikde bezelen we halyk hojalygynyṅ her hili ugurdaky üstünlikleri hakynda söz etmek studentlerden illyustratsiỳalar bilen stategik maglumatlary ulanmagy günde peỳdalanmak zerur.

Tebigaty öwrenişiṅ kömeginde işe aşyrylỳan edep-ekramlylyk terbiỳe işiṅ diṅe derslerde däl, eỳsem, okuwçylaryṅ synpdan daşary we mekdepden daşary hyzmatynda-da synpdan daşary gönükmelerde, sistemalylygy we meỳilleşdirmekligi talap edỳär.

Tebigaty öwrenişiṅ dowamynda gönükmelerde mugallym okuwçylary gurşap alan tebigat bilen tanşdyrỳar.

Tebigatda ỳüze çykỳan prosseleriṅ materiallygyny açyp berỳär. Tebigat baỳlyklarynyṅ ynsan tarapyndan peỳdalanmagy hakynda söz etmek okuwçylary, olaryṅ halyk hojalygyndaky ähmiỳeti hakynda netije çykarmaga taỳỳarlamaga arkaly biziṅ ỳurdumyzyṅ tebygy baỳlyklaryna aỳratyn mynasybetde bolmagyny belläp bermegi, tebigaty goramak meseleleri-döwlet wezipesi ekenini görkezmegi gerek.

Doglan ülkämiziṅ tebigaty–derỳalary, daglary, tokaỳ massivleri hakyndaky maglumatlary öwrenmekde, olaryṅ ỳurdumyzyṅ halyk hojalygy üçin ähmiỳetini aỳdyp geçmek gerek.

Şeỳle maglumatlar öz watany üçin bolan buỳsanç duỳgusyny terbiỳeleỳär we okuwçylary edep-ekramlylyga terbiỳelemekda iṅ ähmiỳetli zähmet bolup hasaplanỳar.

### 2.2. Tebigaty öwrenişi okatmak metodikasy dersine goşant goşan alymlaryṅ zähmetleri hakynda

Tebigaty öwrenişi okatmak metodikasy dersine birinji bolup goşant goşan metodist V. F. Zuev ( **1754-1794-nji ỳyllarda**).

Zuev V.F 1786-nji ỳyllary «Tebigat taryhynyṅ kämilleşmegi» diỳen zähmetinden başlan, munda tebigaty öwrenmek yzygiderliligi, jansyz tebigat, ösümlikler, haỳwanatlar patşalygy görkezilip berilipdir.

V.F.Zuev mekdep okuwçysynyṅ natural obỳektleri öwrenmegi talap etdi, sebäbi minerallaryṅ, ösümlikleriṅ, haỳwanlaryṅ göni duỳgy arkaly kabul edilmegini ỳokary bahalady we ony okatmak prosesindäki ỳedinji orny aỳratynlandyryp bildi. Mundan daşary, ol öz ülkämiziṅ tebigatyny öwrenmek zerurlygyny görkezip berdi.

XIX asyryṅ ortalarynda K.D.Üçinskiy ( 1824-1870-ỳyllar) Tebigaty öwrenişi okatmak dersine özüniṅ pedagogik pikirini bildirdi. Ol «Detskiy mir» derslik kitabynda uly öwrenmek dowamyndan syn etmek we tejribeler geçirilmegi nazarda tutulỳan janly tebigat hakynda baỳ materiallary girizen we ony bilip almakda syn etmek metodyny iṅ ähmiỳetli metod hökmünde bölüp görkezipdir.

Üçinskiy çagalary tebigat bilen tanyşdyrmak, olaryṅ özümiziṅ ỳaşaỳan ỳerimizi, öz ülkesini öwrenmekden başlamagy belleỳär. Onuṅ iṅ esasy metody **Syn etmek** ekenligini belleỳär. Uşinskiy pedagogik protsessde syn etmek metodyny ỳokary derejede almagy goỳan.

Tebigaty öwreniş ylmynda syn etmek, tejribe we ekskurssiỳalary ulanmagyṅ dowamynda öz pikirini bildiren alymlardan biri A.Ya.Gerd (1841-1888-ỳyllar). A.Ya.Gerd tebigaty öwreniş ylmyny öwrenmekde jansyz tebigaty öwrenmekden başlanỳan sistemany düzen. Ol aşaky synplarda «Jansyz tebigat kursuny okatmak metodikasy» işläp çykypdyr. Bu alym tarapyndan «Kratkiy kurs estestvoznaniya», «Zemlỳa, vozdux, voda» okuw gollanmalary, dersliklerini ỳüze çykaran.

XX asyryṅ baslarynda tebigaty öwreniş ylmyna başlangyç mekdeplerde ökatmagyṅ üç ugruny belläp beren alym V.P.Vaxterov «Predmetnıy metod obuchenie» zähmetinde tebigaty öwreniş ylmy dowamynda agzeki metod arkaly okatmagy belleỳär.

M.N.Skatkin öz barlaglary dowamynda tebigaty öwreniş dersinden synpdan daşary işleri guramak we tebigaty öwrenmek dowamynda okuwçylaryṅ bilimini aktivleşdirmäge uly üns beripdir.

Tebigatda okuw tejribe ỳerindäki we synpda syn etmekleri bilen tejribeler geçirmek zerurlygy hakynda P.A.Zavitaevtiṅ «Nablyudeniya i opıtı po estestvoznaniyu v nachalnoy shkole» zähmetinde uly üns berilipdir.

V.A.Valyanova özüniṅ pikirinde, 1959-ỳyldan başlap her ỳylda 1-4 synplardyṅ okuwçylary üçin bagyşlanan «Dnevniki nablyudeniy» derslıgı ỳüze çykarylan. Munda okuwçylaryṅ howany, ösümlikleriṅ, haỳwanlaryṅ diriligindäki özgerişleri guramagy belleỳär.

Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasyny öwrenmeklige uly goşant goşan metodist S.A.Pavlovich (1884-1976). Munuṅ pikirinçe, başlangyç synplarda tebigaty öwreniş dersini dogry guramaga kömek beren.

Onuṅ iṅ belli zähmetlerinden «Praktika prepodavaniya estestvoznaniya i nacalnoy shkole», «Kniga po prirodovedeniyu. Osnovı i metodika estestvoznaniya» (1969).

S.A.Pavloviçiṅ tebigat bilimi we tebigaty öwreniş derslerini okuw-gollanmalar bilen üpjün edilmegi hakynda günde durup geçen.

Kursy öwrenmek eiki ugurda alyp barylỳar.

*Birinji ugur* - çagalary jemgyỳetçilik durmuş bilen we adamlardyṅ zähmeti bilen tanyşdyrmak, tertip medeniỳetini terbiỳelemegi nazarda tutỳar.

*Ikinjii ugur* - tebigaty onuň bilen göni garym-gatnaşykda ỳaşamagy tanyşdyrmak, tebygy obỳektler we hadysalar hakynda kämilleşdirmeler, tebigaty goramak dowamynda işlenen zähmetleri guramak nazarda tutulan.

Tebigaty, ondaky ỳüze çykỳan özgerişleri syn etmekleri her gün guramak uly ahmiỳete eỳe.

Tebigaty öwreniş dersi botanika, zoologiỳa, adam we onuň saglygy, geografiỳa. astronomiỳa dersleri bilen ỳakyn baglanyşykda.

### 2.3.Häzirki wagtda Özbekiştan mekdeplerinde tebigaty öwrenişi okatmak usullary

1948-ỳyldan başlap tebigat bilimini başlangyç synplarda okatmak döwri özgerdi. 1-3 synplarda tebigaty öwrenmek materialy duşündirmeli okatmak dersleri öwrenilip başlandy, eỳsem tebigat ylmy ders hökmünde diňe 4-synda girizildi we özbek diline öwrülen RSFSR mekdepleri üçin bagyşlanan ugurlar boỳunça geçirildi, emma ỳerlikli material peỳdalanmak arkaly hem öwrenildi.

1948-ỳyl bu maksatnama esasynda E.M.Belskaỳa tarapyndan Özbekiştan Respublikasy mekdepleriniň 1-4-synplaryna bagyşlanan, rus dilinde okadylỳan maksatnama metodik görkezmeler düzüldi. Bu görkezmelerde derslerde we dersden daşary wagtda 1-3 –synplardyň okuwçylary bilen syn etmek we tejribeler alyp barmaga aỳratyn üns berlendi, tebigaty öwreniş diňe 4-synpda geçilỳän bolup şonuň üçin-de 1961-ỳylda Özbekiştanyň tebygy ỳagdaỳlary kem ösümlikler we haỳwanatlar dünỳasinden özüne mahsus aỳratynlyklaryny şöhlenendirỳän «Tebigaty öwreniş» dersligi E.M.Belskiy tarapyndan neşir edildi.

### 2.4. Tebigaty öwreniş kurslarynyň dowamynda mekdebe niỳetlenen okuw metodik gollanmalar, derslikleriň neşir edilmegi

1974-ỳylda 3-synp üçin bagyşlanan «Tebigaty öwreniş» dersligi neşir edildi. Munda «Biziň ülkämiziň tebigaty» temasyna uly üns berildi. Ony öwrenmek 2-synpda geçilỳän syn etmekleri umumlaşdyrmakdan başlandy we tebigatdaky möwsüm özgerişler hasaba alnyp barylỳar. Özbekiştanyň jansyz tebigatı obỳektleri, ösümlikleri, haywanlaryny syn etmeklerini maksimal peỳdalanmak nazarda tutulỳar.

1986-ỳyldan başlap dört ỳyllyk başlangyç okatmaklyga geçmägi bilen baglanyşykly gurşap alan tebigat we tebigaty öwrenişi tanyşdyrmak dowamynda ugurlar, şeỳle hem gurşap alan tebigat bilen tanyşdyrmak we tebigaty öwreniş kurslarynyň dowamyndan mekdebe bagyşlanan okuw metodik kompleksler, derslik, metodik gollanmalar, syn etmek gündelikleri neşir edildi.

Tebigaty öwrenmek sikliniň okuw kompleksleri sistemalylygy, onuň mazmunyny ösdürmek, bilimlerini synpdan synpa geçende çulaşdyrmak we giňeltmek mynasybetinde bolmak strukturaly yzygiderliligi bilen üpjün edilỳär.

### Berkleşdirmek üçin soraglar

1. Tebigaty öwrenişi okatmak metodikasy dersine goşant goşan alymlardan haỳsylaryny bilỳärsiňiz?
2. Tebigaty öwrenişi okatmak metodikasy dersi metodistlerinden kimleri bilỳärsiňiz?
3. XX asyryň baslarynda tebigaty öwreniş ylmynda başlangyç mekdeplerde ökatmagyň üç ugruny belläp beren alym kim?
4. Tebigat bilimi we tebigaty öwreniş dersleri dowamynda nähili okuw- gollanmalar bar?
5. Tebigaty öwrenişi okatmaklyga haçandan başlap üns berlip başlandy?
6. Tebigaty öwrenişi okatmak boỳunça kimlerdiň zähmetleri bar?
7. Tebigat bilimini başlangyç synplarda okatmak döwri haçan özgerişe duş geldi?

### Edebiỳatlar:
### A`debiyatlar:


1. Grigoryants A.G. Malkino L.G. Atrof tabiat bilan tanishtirish (1-qism). T., 1987.
2. Nuriddinova M.I. Tabiatshunoslikni wqitish metodikasi, uslub va shakllari. Samarqand, 2003.
3. Grigoryants A.G. Tabiatshunoslik (4-cinf uchun darslik). T., 2003.
4. Zaripov K. Yangi pedagogik texnologiyani tatbiq etish bosqichlari. Toshkent` Xalq ta`limi, 1997, 4-son.
5. Yuldoshev J. Yangi pedagogik texnologiya. Xalq ta`limi, 1999.
6. Nuriddinova M.I. Tabiatshunoslikni wqitish metodikasi. Toshkent, 2005.

**Leksiỳa-3**
**Tema: Başlangyç synplarda tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasy dersiniň bilim-terbiỳeleỳjilik wezipeleri**

**Meỳilnama:**

3.1. Okuwçylara estetik (gözellik) terbiỳe bermek
3.2. Edep-ekramlylyk terbiỳe.
3.3. Ekologik terbiỳe.
3.4. Ene Watany söỳüp hormatlamaga terbiỳelemek.
3.5. Okuwçylarda terbiỳä bolan söỳgüni we ony saklamak, goramak häsiỳetlerini terbiỳelemek

**Daỳanç düşünjeler:**

Okuwçylara estetik terbiỳe, edep-ekramlylyk terbiỳe bermek; ekologik terbiỳe, ekologik sreda, Ene Watany soỳmek, göz-garaçygy ỳaly hormatlamaga terbiỳelemek, okuwçylarda terbiỳä bolan söỳgüni artdyrmak, ony saklamak we goramak häsiỳetini terbiỳelemek; bilim- terbiỳe.

**3.1. Okuwçylara estetik (gözellik) terbiỳe bermek**

Kiçi ỳaşdaky mekdep okywçysy üçin gurşap alan tebigaty emosional kabul etmek mahsus. Muňa seretmezden çagalar ähli zady seredip durup öwrenỳär, elleri bilen tutup görỳär, özlerinden ulylaryň düşündirenlerini yhlas bilen diňleỳär, olar gurşap alan predmetleri we hadysalardaky köp zatlary paryhlamaỳar, sebäbi olar duỳgyny peỳda etmese-de, näme zadyň öz-özünden ähmiỳetli ekenine däl, eỳsem özleriniň duỳgusyny, gygklanmasyny oỳarỳanyna üns berỳär. Çagalaryň käbir wagt predmetlerdäki duỳgur adamlardyň üns bermeỳäbdigini duỳup galmak ỳagdaỳy-da, ine, şu arkaly düşündirilỳär. Şonuň üçin, çagalary tebigaty öwrenmek obỳektleri bilen tanyşdyrmakda olaryň özüne tartmagyna, estetikalylygyna aỳratyn üns bermek zerur.

Bu ỳerdäki aỳratyn rol «Gurşap alan tebigat» we «Tebigatşynaslyk» derslerine gerekli. Bu derslerde suratlar köp, olar gurşap duran tebigatdaky predmetleri, biziň Watanymyzyň we Respublikamyzyň bay ösümlikler dünỳasini, baglary we zavodlary we fabrikalarda işleỳän kärhanaly zähmetini suratlandyryp görkezỳär. Bu suratlardyň kömegi bilen mekdep okuwçylarynyň emotsional duỳgylaryna täsir etmek, tebigata, doglan ülkä, adamlara gyzyklanma we söỳgi oỳarỳar, ol suratlara okuwçylaryň ünsüni çekmegi zerur. Surata düşünje berip, mugallym okuwçylaryň ünsüni tebigatyň, işläp duran adamlardyň aỳdan sypatlaryna adam zähmetini ỳeňilleşdirỳän meseleler bilen mexanizmleriň ỳeňillesdirmelerine üns bermegi gerek.

Tebigata ekskursiỳa barmak, alnan materiallary toplamak we gaỳta işläp barmak, tebigat suratyny çekmek, janly burçdaky gönükmeler, synpdan daşary okuw – bular mekdep okuwçylarynyň tebigaty öwreniş derslerinde alyp başlan estetik terbiỳesini dilukdyrmagy we çulaşdyrmagy gerek.

Görkezme gollanmalary (suratlary, sxemalary, tablisalary, gerbariỳleri, haỳywanlaryň görnüşlerini) saỳlap almak estetik terbiỳeda uly ahmiỳete eỳe bolỳar. Olar köp reňli, owadan gyzyklanma döredỳän bolmagy gerek. Şeỳle gollanmalary peỳdalanmak çeper görki ösdürỳär, materiallaryň gowy kabul edilmegi we ỳatda saklanmagyna kömek berỳär, derse gygklanmasyny oỳarỳar.

Estetik terbiỳäniň iň netijeli esbaplarynyň biri - tebigaty öwreniş derslerinde abraỳly xudojnikleriň kartinalaryny göçürme suratlaryny peỳdalanmak we çeper eserlerden alnan parçalary mugallymyň düşünje beren okuwy bolup hasaplanỳar, sebäbi tebigaty poeziya dili bilen aydyp bermek, ony giişleỳin düşunmäge we onuň gözelligini duỳup bilmäge mümkinçilik döredỳär. Munuň üçin I.K.Ayvezovskiyň, I.I.Levitennıň, A.K.Savrasovtyň, U.Tansıqbaevyň kartinalaryndan nusga suratlaryndan üstünlikli peỳdalanmak mümkin.

Emma jivopisiň eserlerini adatdaky görkezme gollanmalar bilen goşmaça deňeşdirmäge bolmaỳar, sebäbi, görkezme gollanma diňe reallygy suratlandyryp görkezỳär, Eỳsem çeper esere hudojnigiň özüniň ỳeke duňgyçyllygy göndürilỳär, beỳle diỳildigi ol hakykatlygy göçürip bilmeỳär, ol esere özüniň mynasybetini özüniň zähmetini käbir juda kynçylykly başdan geçirenlerini siňdirỳär. Ol köplenç başganyň adatdaky göze öwrenen predmetler bilen hadysalardan başga alyp bilmedik gözelligini-de şol eserde bilỳär. Mugallymyň wezipesi-hudojnigiň pikirini we duỳgusyny okuwçylara ỳetirmek bolup hasaplanỳar.

Meselem, U.Tansıqbaevyň «Qaraqum GES iniň taňı» kartinasıny analizläp, mugallym hudojnigiň aỳtjak bolỳan guwanjyny we döretjek bolỳan zähmet gözelligini, zähmetiň beỳikligini, olaryň höwesi GESiň gurulandygyny we gury daşly çukurda uly tinizdiň möwç urup duranyny duỳup alan derejede aỳdyp bermegi gerek.

Tebigata ekskursiỳa barmak estetik duỳgylary ösdürmäge, gelşikli kämilleşdirmäge we çagalaryň bilim galamyny giňeltmäge uly täsir edỳär. Tebigaty öwrenmek, onuň estetik kabul edilmegi bilen baglanyşdyrylmagy gerek, sebäbi adam tebigaty nä derejede giişleỳin bilse, tebigat adama şonça-da köp guwanç bagyşlaỳar, adamyň göz öňünde her taraplama anyk açylỳar.

Çagalarda tebigatda zähmet bilen işlemäge höwes döretmäge bolỳandygy üçin zähmet mynasybetinde bolmagyny (gozonlary, skverleri, parklary bezemek, ösümlikleriň täze sortlaryny getirip çykarmak) terbiỳelemek gerek, Muňa janly tebigat burçunda we okuw-tejribe ỳerindäki iş işlemek, öỳdäki we ỳazky tabşyrmalary ỳerine ỳetirmek we doly işlemek, synpdan daşary iş (synpdan daşary okuw üçin kitaplar saỳlap almak, görkezme esbaplar), (azanda bir hatara durmak) guramak we we ş.m..ler) kömek bermegi mümkin.

Emma estetik terbiỳede ähli ünsi diňe tebigat obỳektlerini söỳmäge jemlenen ỳagdaỳda işjeň terbiỳe bolup bilmeỳär elbetde.

Estetik terbiỳäniň wezipesi bular:

-diňe tebigatdaky gözelligi görüp goỳmal däl, eỳsem, ony tanyp bilmägä-de, ỳagny estetik kabul etmegi-de bilmek bilen baglanyşykly öwrenmek;

-tebigatda gözelligi peỳda etmäge we ony goramaga, ỳagny estetik zähmet medeniỳeti bilen baglylygyny öwrenmek;

-tebigatda we jemgyỳetde tertip, garym-gatnaşykda medeniỳet kadalaryny saklamagy öwrenmek.

Tebigaty okatmak protsesinde estetik terbiỳe köp taraplamaly bolmaly we okuwçylaryň tebigat bilen garym-gatnaşyklarynyň ähli formalaryny hasaba alyp, planly görnüşde geçirmegi gerek.

## 3.2. Edep-ekram terbiỳesi

Tebigaty öwrenişiň dowamynda derslerda okuwçylarda tebigata, zähmete, daş-töwerekdäki adamlara edep-ekramlylyk mylakaty terbiỳelemek gerek. Emma edep-ekramlylyk terbiỳesınıň ähli taraplaryny başlangyç synplaryň mugallymynyň bir özüniň guramagy kyn bolỳar. Bu ähli mekdebiň wezipesi bolup hasaplanỳar. Eỳsem, başlangyç synplarda bolsa, olaryň iş-hereketlerinde (kollektivlik zähmet protsesinde, ekskursiỳalarynda, janly tebigat burçunda, mekdebiň ỳanyndaky ỳerde (duỳlup durỳan) edep-ekramlylyk göz-garaỳşy kämilleşdirmek zerur.

Tebigata etik mylakaty terbiỳelemek ähli, iň ỳönekeỳ ỳagdaỳlarda-da orun almagy gerek. Meselem, ekskursiỳa wagtynda okuwçylaryň gerbariỳler üçin köp sandaky ösümlikleri toplamagyny togtatmak, gerbariỳleri düzetmek üçin iň oňady ỳabany çöpleri, üzlüp düşen ỳapraklary we miweleri peỳdalanmaklyk makul ekenini düşundirmek zerur.

Gerbariỳler üçin seỳrek duş gelỳän, aỳratyn «Gyzyl kitap»ba girizilen ösümlikleri peỳdalanmagy bolmaỳar. Güldesse üçin örän köp gülleri ỳolmak gerek däl. Munda bu talaplaryň nämä baglanyşykly ekenini düşündirip bermek şert. Anyk aỳdanymyzda, tebigaty goramagyň dowamynda tebigaty, onuň balyklaryny gaỳta işlemek hakyndaky gamhorlygy, ine, şulardan baslanỳar. Tebigaty goramagyň, ösümlikleri we haỳwanlary goramagyň ähmiỳetliligini düşünmek gurşap alan tebigata puxta mynasybetde bolmagy terbiỳeleỳär.

## 3.3. Ekologik terbiỳe

Ylmy-tehnik revolỳutsiya ỳagdaỳlarynda, adamyň tebigata giňişleỳin we her taraplama täsir eden wagtlary, adamyň we jemgyỳetiň tebigatdan garaşlylygy, ony saklamagyň we gowulandyrmagyň zerurlygyny düşundirỳän, gurşap alan tebigatyň gözelligini bahalamagy bilỳän we zamandaş ỳene-de gelejekdäki nesilleriň öňündäki tebigatyň ỳagdaỳy üçin raỳat jogapkärçilik duỳgusyna eỳe, her taraplama ösen adamy kämilleşdirmegi nazarda tutmak talap ekologik terbiỳe oňada uly ahmiỳete eỳe bolup dur. Mekdepde tebigaty goramak bilimlendirmegiň netijeli okadylmagy mugallymyň tebigaty goramagyň her hili ỳagdaỳlarynyň dowamynda belli ugura eỳe synpdan daşary iş bilen ussatlyk bilen baglanyşdyrmagynda yzygider artyp barỳar. Onuň ỳaşyl we kök patruller otryadlary, tebigatyň ỳaş doslary klublary, mekdepdäki tebigat burçlary ỳaly guramalar özleriňn iň oňat tarapyndan görkezỳär.

Eger tebigaty goramak haỳwanlary we ösümlikleri ỳok etmekden goramaga görkezilen, eỳsem soňky wagtlary tebygy resurslary goramak hakyndaky iň çözgütli meseläni almaga goỳulỳan bolsa,

onda häzirki wagtdaky iň esasy wezipesi gurşap alan ortalygy saklamak bolup hasaplanỳar. Muňa baglanyşykly, tebigaty öwrenişiň mekdepde geçilỳän kurslarynda tebigaty peỳdalanmagyň ekologik täzeligi kämilleşdirmek üçin uly maglumata eỳe bolan iňn ähmiỳetli meseleleri seredilỳar.

Ekologik terbiỳänıň netijeliligi köplenç mugallymyň tebigatdaky tertibine baglanyşykly bolỳar. Hatda, tebigaty soỳmek hakyndaky iň oňat sözleri-de çagalara unamly täsir edip bilmeỳär, beỳle diỳildigi olar mugallymyň özüniň tebigata pugta seretmeỳäniniň, mysaly, balyk awlamak we awçylyk kadalaryny bozỳan ỳa-da derekleri döwüp duranyny we turistlik poxodda dem almaga baran ornyny erbet edip gidỳän we we ş.m..leri öz gözleri bilen görỳär.

Okuwçylary ekologik terbiỳelemek kompleks görnüşinde amala aşyrylmagy we dolulylygy bilen terbiỳä baglanyşyklydyr

. Ekologik terbiỳänıň kompleksliligi şulardan ybarat: ol idealy-syỳasy, edep-ekramlylyk, zähmet, estetik we fiziki terbiỳäni baglanyşdyrmak netijesinde amala aşyrylỳar.

Başlangyç mekdepdäki ekologik terbiỳe patriotizm duỳgusyny ösdürỳär, sebäbi Watan-doglan ili, onuň tebigatı, hojalygy adamlarynyň durmuşy arkaly öwrenilipdi. Eỳsem, doglan tebigata bolan söỳgüni ösdürmek patriotlyk terbiỳäniň uly ähmiỳetli faktorı bolup hasaplanỳar,

## 3.4. Ene Watany söỳüp hormatlamaga terbiỳelemek

Biziň jemgyỳetimizdäki patriot terbiỳänı internatsional terbiỳesız göz öňümize getirip bolmaỳar. Tebigaty goramak bu mesele üçin iň bay material berỳär. Şonuň üçin patriotizmi terbiỳelemägi gurşap alan tebigaty öwrenmekden başlamak gerek. Doglan ülkämiziň ỳaşlarymyzdan mähriban bolup tebigat adama ähli wagtda gadyrly bolỳar. Şonuň bilen birlikde, ol giň manyda «Watan» düşünjesiniň aỳrylmaz bölegi bolup hasaplanỳar.

Ülkeşynaslyk işı mekdep ỳanyndaky zähmet, ekskursiỳalar wagtynda doglan ilini öwrenmek okuwçylaryň ỳadyndan çykmaz ỳaly giňişleỳin öwretmek, öz ülkesine bolan mähribançylygyny berkleşdirỳär, onuň baỳlyklaryny goramak, olardan maksada laỳyk peỳdalanmak zerurlygy hakyndaky duỳgusyny kämilleşdirỳär. Ülkämiziň tebigaty, onuň baỳlyklaryny, hojalyk aỳratynlyklary bilen tanyşdyrmak okuwçylaryň synpda alan bilimlerini halkyň durmuşy, zähmetdäki xyzmaty bilen baglanyşdyrmaga kömek berỳär. Mysaly, olar «Peỳdaly gazylmalar» we «Biziň ỳurdumyzyň tebigatınynyň her dürlüligi temalary» (tebigaty öwreniş derslıgi, 3-4 synplar)

Tebigaty öwrenişi okatmak protsesinde okuwçylaryň ünsüni alymlarymyz ylymy ösdürmekdäki roluna öwürmek, olaryň patriotizmini, zähmeti söỳmegi, öz tebigatyna bolan mähribançylygyny aỳdyp görkezmek gerek. Bu çagalarda tebygy buỳsanjy peỳda edỳär. Patsha Rossiỳasy wagtyndaky Türkistandaky ylmynyň ỳagdaỳyny biziň elimizdäki ylmyň ösüşı bilen sistemalaşdyrmak öz Watanyna bolan haỳran galmak duỳgusyny oỳarỳar. (Bu ỳerde kosmosly kinislikti özleşdirmek, şüdigär ỳerleri suwarmak hakynda, ösümlikleriň täze sortlaryny we haỳwanlaryň täze görnüşleri (porodalaryny) almak hakyndaky gürrüň edip bermek peỳdaly bolỳar we we ş.m.. ler).

Watan temasy ähli tebigaty öwrenişi başlangyç synplarda ökatmagyň dowamynda öwredilip barylỳar. Watan temasy tebigaty öwreniş derslerinde tebigaty gorama we öwrenmekde, biziň giň paỳtagtymyzyň, ỳurdumyzyň, günbatardan başlap günortadaky ỳerler bilen çölüstana çenli tebigat görnüşlerini diňe bir suratlandyryp görkezmek däl, eỳsem, halkyň beỳik döretjek bolỳan hyzmatlarynyň tassyklanmagy bolup hyzmat etmegi gerek. Biziň ỳurdumyzyň halklarynyň durmuşyndan alnan öz Watanyny ỳene-de bolsa güỳçliräk we gudratly bolmagy üçin birden-bir ymtylmagyň konkret mysallary okuwçylarda patriotizm we internatsionalizm duỳgularyny terbiỳelemegi, mugallymyň biziň halkymyzyň doslukda ỳaşamagy maşgalasy hakyndaky gürrüňi “Tebigaty öwreniş” dersliginde anyk reňde görkezme - gollanmalar bilen baglanyşdyryp alyp barmak materiallaryň emosional kabul edilişi kömek berỳär. Patriotizm duỳgusyny ähli dünỳä ỳüzi zähmetkeshleriniň raỳatlaryna we milletlerine seretmezden, olaryň gelejekde bile dostlukda işleşmegine berk ynamly ỳagny, internatsionalizm duỳgusyny terbiỳelemäge kömek edỳär.

## 3.5.Okuwçylarda tebigata bolan söỳgi we ony goramak terbiỳesini terbiỳelemek

Tebigata bolan söỳgi–bu, uly we çylşyrymly duỳgy bolup hasaplanỳar. Ol çylşyrymly psixologik kompleksi peỳda bolup, ỳokary ruxy we oylamak ugurlaryny öz içine alỳar. Bu duỳgyny ỳaşlykdan, çagalyk wagtdan başlap terbiỳelemek gerek, sebäbi doglan, önüp-ösen tebigata bolan söỳgi bilen birlikde bolỳar, Doglan ülkä, doglan ile bolan söỳgi artyp barỳar. Çagalykda dörän bu duỳgy mekdepdäki okuw ỳyllarynda ösỳär we baỳlaşdyrylỳar, muňa tebigaty öwreniş uly derejede kömek berỳär.

Tebigaty öwreniş diňe tebigat gözelligini kabullamak däl, eỳsem, onuň baỳlygyny goramagy, saklamagy maksada laỳyk peỳdalanmagy, baỳlyklary diňe saklamak däl, eỳsem, olary köpeltmegi öwredỳär.

Biz özümiziň tebigatymyzyň xojaỳyny we ol biziň durmuşymyzyň uly hazynasy ähli gallahana güneşi bolup hasaplanỳar. Onuň üstüne, bu hazynalary goramak üçin olary açmak we görkezmek gerek. Munuň üçin täze suw gerek, özümiziň suw saklaỳjylarymyzy goralyň.

Tokaỳlarymyzda, çölüstanymyzda, daglarymyzy her hili haỳwanlar bar – özlerimiziň tokaỳlarymyzy, çölüstanymyzy, daglarymyzy goralyň. Balyga–suw, guşa–howa, haỳwana–tokaỳ, çölüstanlyk, dag gerek. Eỳsem, adama Watan gerek we tebigaty goramak – diỳmek, "Watany goramak gerek".

1918-ỳylyň may aỳynda "Tokaỳlar hakyndaky" dekret kabul etildi. Häzirki wagtda biziň elimizde 100 den köpräk zapovednikli hojalyklar bar, olar 11 zapovednik, diňe Özbekiştanyň özüne gerekli.

Häzirki wagtlary goralan obỳektler bar bolup seỳrek duş gelỳän ösümlikler, haỳwanlar, minerallar, şeỳle hem suw, howa, adamy gorap durỳan ähli tebygy sreda hasaplanỳar. Birinji synpyň özünde gurşap alan tebigat bilen tanyşdyrmak dowamynda geçilỳän derslerde gurşap alan, sreda aňly mynasybetde bolmagy terbiỳelemek üçin (tebigaty öwrenmek) xarakterine eỳe okuw berilenden soň) çagalaryň öňünde praktiki meseleleri goỳmak gerek. Bu dersiň dowamynda alnan bilimleriň göwrümini giňeldỳän 2-synpda nazary bilimler praktiki gönükmeler (gyşda guşlara kömek bermek, egilen derekleri goramak, ir gülleỳän ösümlikleri goramak, haywanlara pugta mynasybetde bolmak) bilen baglanyşdyrylỳar.

**Berkleşdirmek üçin soraglar:**

1. Tebigaty öwreniş dersini okatmakda nämeden terbiỳe görnüşleri öwredilỳär?
2. Okuwçylarda ene Watana bolan mähribançylygy artdyrmak üçin tebigaty öwreniş metodikasy dersiniň nähili ähmiỳeti bar?
3. Estetik terbiỳäniň wezipesi nämälerden ybarat?
4. Gerbariyler üçin seỳrek duş gelỳän ösümlikleri, «Gyzyl kitap»a girizilen ösümlikleri peỳdalanmaga bolỳar?
5. Çagalara tebigaty öwretmek, obỳektler bilen tanyşdyrmakda nämelere üns bermek gerek?
6. Tebigaty öwreniş derslerinde edep-ekramlylyk terbiỳe nähili orun tutỳar?
7. Watany soỳmeklik we internatsionalizmi terbiỳelemekde tebigaty öwreniş dersiniň ähmiỳeti näme?
8. Tebigaty öwreniş derslerinde estetik terbiỳäniň ähmiỳeti nähili?
9. «Tokaỳlar hakyndaky» dekret haçan kabul etildi?
10. Häzirki wagtda biziň ỳurdumyzda näçe zapovednikli hojalyklar bar?

## Edebiỳatlar:


1. Akvalieva G.N. Prirodovedenie v malokompleksnoy shkole. M., 1988.
2. Bel`skaya I.M., Grigoryants A.P. Tabiatshunoslikni wqitish. T., 1986.
3. Haydarov Q.H. Tabiatshunoslik asoslari va bolalarni atrof tabiat bilan tanishtirish metodikasidan laboratoriya mashg`ulotlari. T., 1980.
4. Grigoryants A.G. Tabiatshunoslik (3-cinf uchun darslik). T., 2001.


## Leksiỳa- 4.
## Tema: Tebigaty öwrenişi ökatmagyň printsipleri we kanunylyklary
### Meỳilnama:

4.1. Okatmakdaky sistemalylyk we yzygiderlilik printsipleri.
4.2. Okuw materiallarynyň ylmylik we golaỳlylıq printsipleri.
4.3. Teoriỳany praktika bilen baglanyşdyrmak printsipleri.
4.4. Ökatmagyň sergi printsipleri.
4.5. Bilimleri özleşdirmek we okatmagy indiwiduallaşdyrmak printsipleri.

### Daỳanç düşünjeleri:

Okatmakdaky yzygiderlilik we sistemalylyk; ylmylik we golaỳlylyk, sergi, bilimleri özleşdirmek, indiwiduallaşdyrmak printsipleri; teoriỳa we amalyỳet düjünjeleri.

### 4.1.Okatmakdaky sistemalylyk we yzygiderlilik printsipleri

Häzirki zaman pedagogikasynda mugallymyň hyzmaty we okuwçylaryň öwrenmek hyzmatynyň harakteri konkret didaktik printsipler bilen anyklanỳar. Didaktik printsip görnüşleri aşakdakylardyr:

*- Okatmakdaky sistemalylyk we yzygiderlilik printsipi.*

Tebigat hakyndaky köp sanly maglumatlardan kiçi ýaşdaky mekdep okuwçylary üçin bilim bermek we terbiýelemek mynasybeti taýdan tebigatdaky möwsüm özgerişleri, biziň Respublikamyzyň tebigatynyň her hililigini, doglan ülkämiziň tebigatyny we ş.m..lerdi açyp berýän örän bahaly okuw materialy saýlap alynýar. Tebigaty öwrenişiň mekdepde geçilýän kursy-bu tebigaty öwrenmek ylmynyň her hili ugurlarynyň yzygiderli görnüşde gysgaça beýanedilmegi däl, eýsem, onuň metodik taýdan alnan, sistemalaşdyrylan elementleri bolup hasaplanýar.

Kiçi ýaşdaky mekdep okuwçylary tebigat hakyndaky ylymlaryň esasyna ilki iň ýönekeý tebygy obýektler soňundan çylşyrymly, gurşap alan tebigatyň predmetleri bilen ýagdaýlaryny gönüden-göni şöhlelendirmeli, olaryň arasyndaky berk baglanşyklary açyp berýän obýektler bilen yzygiderli tanyşdyrmak protsesinde eýe bolýar. Muňa tebigaty okatmakda sistemalylyk printsipini amala aşyrmak arkaly ýerine ýetirilýär.

Tebigaty öwrenmek kurslarynyň yzygiderliligi okuwçylaryň ýaşyna, taýarlygyna, ösüşine bagly okuw materiallarynyň olar üçin golaýly bolmagy bilen şeýle hem mazmunynda yzygiderliligiň saklanmak zerurlygy bilen anyklanýar. Tebigaty öwrenişiň mekdepde geçilýän kursy:

- jansyz tebigatdaky ösümlik we haýwanlaryň diriligindäki, adamlaryň durmuşyndaky (1-2 synp) möwsümiň özgerişleri şöhlelendiren materialy;
- doglan ülkämiziň tebigatyny, adam organizminiň we onuň saglygyny goramak ( 3-synp);
- biziň Respublikamyzyň tebigaty, ony peýdalanmak, goramak yzygiderli öwrenmek nazarda tutulýar.

**4.2. Okuw materiallarynyň ylmylyk we golaýlylyk printsipleri.**

Tebigaty öwrenişi ökatmagyn ylmylik printsipi okuwçylaryň özleşdirmegi üçin häzirki zaman ylmynda berk orun eýelän meýilnamalar esasynda guralan bolýar.

Tebigaty öwrenişiň dowamynda ylmy bilimleri eýeläp almagy üpjün etmek üçin kiçi ýaşdaky mekdep okuwçylarynyň bilmek mümkinçiliklerini hasaba alan halda, iň ähmiýetli ylmy maglumatlary saýlap almak gerek.

Okuwçylaryň bilmek mümkinçilikleri oýlanmagy we fiziki güýç salmagy talap edýän okadylýan temalary bilen praktiki meseleleri yzygiderli çylşyrymlylaşdyrmak protsesinde giňeldilýär.

**Okatmak materiallarynyň ylmylygy** golaýlylyga baglanyşdyrylmagy gerek, okuwçylaryň pikirlenmek we psixologiyasynyň ösüşine laýyklygy we olaryň taýýarlanmagy meýilnama arkaly amala aşyrylýar.

**4.3.Teoriýany praktika bilen baglanyşdyrmak printsipleri.**

Teoriýanyň praktika bilen baglylygy praktiki meseleleri amala aşyrmakda okuwçylar teoriýanyň manysyna düşünmegi uly mümkinçilik berýär, bu onuň özleşdirmek sapalylygyny artdyrýar. Bu printsip zähmeti öwretmek dersiniň meselelerine baglanyşykly we okuwçylary praktiki hyzmata taýýarlamakda-da aýratyn ahmiýete eýe bolýar.

Okatmakda teoriýany praktika bilen baglanyşdyrmak harakteri okuw dersiniň mazmuny bilen deňleşdirilýär. Tebigaty öwrenişiň nazary bilimleri okuwçylary tebigatyň ol ýa-da bu hadysaları bilen praktiki tanyşdyrmak protsessinde berk özleşdirilýär. Şonuň bilen birlikde praktika teoriýadan öň okuwçylaryň ony özleşdirmegi gyzyklanmasyny peýda edýän derejede geçirilýär.

Teoriýanyň praktika bilen baglylygy okuwçylaryň janly tebigat burçunda zähmet işleri, meselem, ösümlikleri gögertmek, olary köpeltmek, şeýle hem mekdep ýanyndaky ösümlikleriň suwa, ýylyga, ýagtylyga bolan talaplaryň, organik we mineral dökünleriň gulli -dekorativli ösümlikleriň ösmegine we ösüşine bolan täsirini anyklamagyň dowamynda tejribeleri geçirmäge baglanyşykly oňat amala aşyrylýar.

Tebigaty öwreniş derslerinde teoriyanyň praktika bilen baglylygy amala aşyrmakda okuwçylaryň praktiki hyzmaty olaryň nazary bilimleri özleşdirmegine ymtylmagyny peseldýändigini ýatda saklamak zerur. Tebigaty öwrenişi okatmakda teoriýanyň praktika bilen baglylygy onuň ähli başçylyklarynda amala aşyrylmagy we nazary bilimleri çuňlaşdyrmaga ýene-de praktiki hyzmata taýýarlamaga kömek bermegi gerek. Öwrenilýän nazary bilimleriň mazmunyna görä dersleriň we synpdan daşary gönükmelerdiň her hili formalaryndan peýdalanmak mümkin.

**4.4. Ökatmagyň görkezme-sergi printsipleri.**

Görkezme-sergi printsipini peýdalanmagyň esasy wezipesi- okuwçylaryň öwrenmek hyzmatyny aktivleşdirmek bolup hasaplanýar. Bu printsipde gurşap alan ortalygyň tebigatyň göni

kabul etmek esasynda okatmagy nazarda tutulỳar. Görkezmelilik printsipini saklamak aỳratyn tebigaty öwrenmegiṅ ilkinji basgyçlarynda ähmiỳetli bolỳar.

Tebigaty öwrenişi okatmakda görkezmelilik predmetde sergi we suratlandyryp görkezmek sergä bolan maksada laỳyk gelỳär.

Predmetlik görkezme-sergide diṅe natural predmetler ösüp duran ösümlikler, diri haỳwanlar, gerbariyler,kolleksiỳalardan peỳdalanylỳar ỳa-da tejribe buında aỳdyp berlipdi.

Suratlandyryp görkezmek görkezmelilik diṅe tebigat predmetleriniṅ ỳa-da ỳagdaỳlarynyṅ kartinalary, tablitsalary, tagtadaky suratlar, modeller, diapozitivler, kinofilmler, kartinalar, sxemalar we ş.m..ler görnüşinde suratlandyryp görkezmekleriniṅ peỳdalanylỳar.

## 4.5. Bilimleri özleşdirmek we okatmagy indiwiduallaşdyrmak printsipleri

***Bilimleri özleşdirmek printsipi.*** Bu printsip alnan bilimleri kämilleşdirỳän gönükmeleriṅ we ukyplyklaryṅ okuwçylaryṅ yadynda uzak wagta çenli saklanmagyny nazarda tutỳar. Okuwçylaryṅ bilimleriniṅ berkliligi mugallymyṅ ökatmagyṅ görkezilen printsipleriṅ okuwçylaryṅ aṅ-duỳgusynyiṅ ösüşi meỳilnama we tebigata bolan gyzyklanmalary bilen deṅeşdirip peỳdalanmagyna baglanyşykly bolỳar. Çuṅ bilime ỳetişmek üçin okuwçylaryṅ aktiv pikirleniş hyzmatyna esaslanyp sistemalaşdyrmagy aỳratyn ahmiỳete eỳe bolỳar. Öṅ öwrenilen materiallary täze materiallar bilen baglanyşdyryp, okuwçylar ony oṅat özleşdirỳär.

***Okatmakda indiwiduallaşdyrmak printsipleri.*** Orta bilim berỳän sistemany gaỳta gurmak ỳagdaỳlarynda çagalaryṅ ỳeke aỳratynlyklaryny öwrenmek bardygy saỳyn köpräk ahmiỳete eỳe bolmakda. Mekdebe gelen her bir çaga belli maglumat zapasına eỳe bolỳar we ỳeкe aỳratynlyklary eỳeleỳär, bu bilimleri özleşdirmek protsesine täsir edỳär. Emma, okatmak protsesinde çagalar toparlarda bilimleri özleşdirmek derejesi birmeṅzeş bolmagy mümkin. Şeỳle bolsa, çagalaryṅ ösüşine dogry gelỳän umumlygy anyklamak mümkin. Ol ösüş derejesi, bilim zapasy, pikirlenmek xarakteri, hyzmaty we gylyk-hasiỳeti, bahalamagyṅ meṅzeşligi bolmagy mümkin. Emma, umumylyk bilen bir hatarda her bir okuwçy üçin özüniṅ ỳeкe aỳratynlyklary:

1. ünsüniṅ ösüşı;
2. dersdäki gylyk-hasiỳeti, xarakteri;
3. derse mynasybeti;
4. görkezme we agzeki materialy kabul etmeginiṅ tizligi we anyklygy;
5. okuw materialyny düşnüp almagy we pikirlenmek xarakteri;
6. tebigat hakyndaky bilimleriniṅ sypaty, ỳazmaça we agzeki sözleỳiş medeniỳetiniṅ ösüş derejesi özüne mahsus bolỳar.

Mugallym dersde her bir okuwçy bilen ỳeкe mynasybetde işleşmegi gerek. Ỳeкe mynasybeti alyp barmagyṅ esasy -bu mugallymyṅ öz okuwçylaryny oṅat bilmegi bolup hasaplanỳar. Munuṅ üçin mugallym hemişe öz okuwçylaryny bahalap barmagy gerek. Okuwçylaryṅ galmazdan özleştirmegine seretmezden, olaryṅ hemesi bilen ỳeкe mynasybetde bolmagy gerek. Dersi özleşdirmekde gynanyp duran okuwçylara kömek bermegi gerek. Mugallym her bir tabşyrmany okuwçynyṅ ỳeke aỳratynlyklaryndan gelip çykyp, olaryṅ bu tabşyrmany ỳerine ỳetirip bilỳändigine ynamly görnüşde, öwrenilỳän obỳekte gyzyklanmasyny hasaba alan halda bermegi gerek. Okuwçylaryṅ ỳeкe mynasybetde bolmaga esaslanan okatmak protsesi - okuw materialyny üstünlikli özleşdirilmegini, çaganyṅ akyl-huşunyṅ ösüşini üpjün edỳär, edep-ekramlylyk normalaryny siṅdirỳär.

### Berkleşdirmek üçin soraglar:

1. Ökatmagyṅ sistemaly we yzygiderli ylmylik we golaỳlylıq printsiplerini bilmek üçin güỳçli düşünjäni mysallaryṅ üsti bilen düşündiriṅ.
2. Tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasynyṅ printsiplerine mysallar getiriṅ.
3. Görkezmek-sergi printsipini peỳdalanmagyṅ esasy wezipesi näme?
4. Bilimleri özleşdirmek printsipi hakynda aỳdyp beriṅ?
5. Okuwçynyṅ ỳeкe aỳratynlyklary nämälerden ybarat?

### Edebiỳatlar

1. Grigoryants A.G. Malkino L.G. Atrof tabiat bilan tanishtirish (1-qism). T., 1987.
2. Nuriddinova M.I. Tabiatshunoslikni wqitish metodikasi, uslub va shakllari. Samarqand, 2003.
3. Grigoryants A.G. Tabiatshunoslik (4-cinf uchun darslik). T., 2001.

**Leksiýa 5**

## Tema: Tebigaty öwreniş dersini okatmakda bilim integrasiýasy we innovatsiyası

**Meýilnama:**

5.1.Integratsiya hakynda düşünje.
5.2. Bilim sistemasy, onuň komponentleri we esasy wezipeleri.
5.3. «Innovatsiya» düşünjesi we pedagogik innovasiýa dersi hakynda
5.4. Pedagogik innovasiýalary toplamak protsesi
5.5. Pedagogik texnologiýanyň ösüş basgançaklary

**Daýanç düşünjeler:**

Täze pedagogik texnologiya, integratsiya, innovatsiya düjünjeleri, ders we amalyýet birligi,

### 5.1.Integratsiya hakynda düşünje

Respublikamyzda bilim sistemasy özüne mahsus ösüş döwrüni başyndan geçirýär. Bu özüne mahsuslyk iň ilki bilim-terbiýe mazmunyny birleşdirmek, ýagny, özlügimizi bilmek, özlügimiziň örän bay taryhymyz, medeniýetimiz, dersimiz, dilimiziň öz mazmuny-manysy bilen ýokary ynsanylyk, edep-ekramlylyk mazmuna eýe bolan milli däp-dessurlarymyzyň esasynda jemgyýetimiziň kelejegi bolan ýaş nesli okatmak bagtyna miýesser bolandygymyz hemmämize mälim. Ýokarı ynsanylyk, edep-ekramlylyk häsiýetleri terbiýelemekda, şonuň bilen bilim-terbiýä täzeçe mynasybetde bolmak , täzeçe mazmun, forma we okuw gurallaryndan peýdalanmagy talap edýär.

Ders we amalyýet birliginiň üpjün edilmegi üçin mekdep pedagogik jemgyýeti üçin «Täze pedagogik texnologiya», «pedagogik diagnostika», «kibernetik pedagogika», «test-reyting» ýaly düşünjelerdiň düýp manysyny özleşdirmegimiz arkaly, olardan okuw-terbiýe protsesinde peýdalanmaklarymyzyň netijesinde biz dünýä pedagogik integrasiýasynda özümiziň mynasyp ornymyzy tapyp bileris.

Özbekiştan Respublikasy birinji Prezidenti I.A.Karimov bilim integrasiýasy hakynda şeýle dýýär: «Dünýä bazaryndaky integratsiya, ylmy-tehnik ösüşiň gidişi halk biliminiň ähli ugurlarynyň arasyndaky öz-ara baglanyşlary berkleşdirmegi talap edýär. Şinuň üçin, bu ýagdaýda terbiýe, bilim, syýasy we hünär taýýarlyklary meseleleri çözmage goşant goşmagymyzy talap edýär.»

«Integratsiya» sözüniň manysy «birleşdirmek» diýen manyny aladýar.

Pedagogik texnologiýa, täze pedagogik texnologiýa, onuň bilim-terbiýe protsesine täzeçe mynasybetde bolmagymyz üçin zerurlygy hakynda bilmehimiz üçin iň ilki döwletimizde «Bilim hakynda»ky Kanun we «Kadrlary taýýarlamagagyň milli maksatnamasy» esasynda bilim-terbiýe ugrunda alyp barylýan reformalaryň esasy ugurlary öwrenmegimiz gerek. Bu ugurlar:

-bilim mazmuny we sistemasyny reformalaşdyrmak;

-bilim-terbiýe başarnygyny reformalaşdyrmak;

-bilimdiň bazar ekonomikasyna esaslanan mexanizmini döretmek;

-ata-ene, okatmak-okuwçynyň bilim protsesine bolan täzeçe göz-garaýyşlaryny kämilleşdirmek;

-bu reformalaryň esasy hereketlendiriji güýçi - täze pedagogik texnologiýany amalyýete göndermekden ybarat.

Jemläp aýtsak, täze bilim sistemasy, mazmuny, okuw meýilnama, derslilleriň esasynda okuw protsesini proektlemäge we täzeçe mynasybetde bolmak, guramak zerurligy döreýär.

Täze bilim mazmuny, onuň düzümini giňeltmek we çulaşdyrmak, umumy bu mazmuna diňe bilim, gönükme we tejribe däl, eýsem, umumy ynsanylyk medeniýeti peýda etmekçi- döretjek bolýan tejribesi, daş-töwerege garym-gatnaşykda bolmak idýasyny amala aştrmagymyz gerek. Bu ideyany jemgyýetçilik durmuşyň aşaky komponentleri arkaly peýda etmek mümkin:

- hyzmat görnüşleri (finans - amaly, jemgyýetçilik, ruhy);

-jemgyýetçilik aňyň formalary (edep-ekramlylyk, çeper hünär, siýasat, filosofiýa, ders we ş.m..)

- jemgyýetçilik baglanyşlar sistemasy (finians we ideologik);

- finans, jemgyýetçilik we tebygi ähli (soňky nesillere miras edip galdyrmak) baýlyklary)

## 5.2. Bilim sistemasy, onuṅ komponentleri we esasy wezipeleri

Bilim sistemasy, onuṅ komponentleri, düzümi, wezipeleri hakynda söz bolanda, deliller bilen kanunlar, anyk we konkret bar bolmagy, bilimler we hakykaty özbaşdak bilmek metodlary arasynda laẏyk metodlary anyklamagymyz gerek.

Aẏratyn, derslik we okuw gollanmalarda, terminologiẏada anyklyga ẏetişmek gerek. Sebäbi:

- birinjiden, derslik we okuw gollanmalarda ylymda ẏetişilen netijeli netijeler öz öṅündäkini şöhlelendirẏär, bu bize onuṅ amalyẏete täsirini xarakterini anyklamakda kömek berẏär;

- ikinjiiden, derslil we okuw gollanmalary ene dili (terminologiẏa)nyṅ ẏokary derejedäki nusgasyny görkezip bilmek yssatlygyna eẏe bolan alymlar tarapyndan döredilẏär. Derslik we okuw gollanmalaryṅ dili olary okaẏan okuwçylardan daşary, studentler, mugallymlar, metodistler, alymlar, ata-enelar sowathonlyk täsir edẏär;

- üçünjiden, derslik we okuw gollanmalardaky terminologiya kemçilikler ylmy-barlag işlerini başga barlagçylaryṅ düjünjelerini kynlaşdyrẏar.

Umumlaşdyryp aẏtsak, derslik we okuw gollanmalaryṅ dili ẏönekeẏ, düşünjeli, ykçam düşünjelerden ybarat bolanda, olar okuwçylaryṅ söẏgüli kitabyna aẏlanẏar, okuwçylar özbaşdak öwrenmegi mümkin bolan «ikinjii mugallym» wezipesini ẏerine ẏetirẏär.

«Bilim mazmuny» we «okuw dersiniṅ mazmuny» düjünjeleri bir-birinden aẏratynlanyp durẏar.

Okuw dersi mazmuny diṅe şol derse baglanyşykly bilimleri – düşünje, hököm, netijeleri öz içine alẏar. Bilim mazmuny bolsa bulardan daşary, ylmy bilmek metodlary, usullary we amallry, ẏagny okuwçylarda özbaşdak bilmek tejribelerini peẏda edẏän metodologik bilimler (taryp etmek, sypatlamak, analizlemek, sintezlemek, induktsiẏa, deduktsiẏa, harakteristika bermek, umumlaşdyrmak we ş.m. )i öz içine alẏar.

Her bir derse bilim berẏän, terbiẏe berẏän we ösdürijilik, ẏagny bir-biri bilen öz-ara mynasybetlere baglanyşykly bolup, ol maksatlara, okuw materialynyṅ aẏratynlyklary, okatmak metodlaryny we okuw mümkinçiliklerine baglanyşykly. Munuṅ üçin mugallymyṅ başçylygynda mugallym bilen okuwçylar birlikde hereket edẏär. Bu protses didaktikada ***okuw protsesi*** diẏip atlandyrylẏar. Okuw protsesi bu üç komponentten ybarat.

Okuwçy real durmuşa aralaşmak, onda aktiv mynasybeti amala aşyrmak üçin bilim, gönükme, we tejribeler bilen birlikde ylmy bilmek metodlaryna eẏe bolmak gerekdigini aṅly görnüşde düşnüp ẏetmegi gerek. Sebäbi jemgyẏetimizdiṅ esasy belgisini aṅlap ẏetmek we onda özüniṅ mynasyp ornyny tapmak üçin barlag bolup hasaplanẏar.

Mugallymdan okuwçylarda gyzyklanmany we özbaşdaklygy, bilmleri pugta özleşdirmegi, zerur bilim we gönükmeleri, olarda syn etmekligi, pikirlenmek we sözleẏiş, ẏat we döredijilikli bolmagy terbiẏelemekda mümkinçilik berẏän didaktik prinsip bilimindäki aktivlik bolup hasaplanẏar. Aktivlik printsipi aṅlylyk bilen erkin baglanyşykda bolẏar. Sebäbi aktivlik bar ẏerde aṅly-düşünjelilik bolẏar.

## 5.3. «Innovatsiya» düşünjesi we pedagogik innovasiẏa dersi hakynda

«Innovatsiya» düşünjesi «täzelıq», «reforma» düjünjeleri bilen anyklaşdyrẏa. Giṅ manyda bilim sistemasyndaky özgeriş pedagogik innovatsiya bolup hasaplanẏar. Ilki bu düşünjeler jemgyẏetçilik-sosial we texnologik protsesslere baglanyşykly ulanylypdyr. Pedagogik texnologiẏa diẏip atlandyrmasynyṅ-da manysy şunda.

Häzirki wagtda pedagogik innovasiẏa dersi ösdi. Pedagogik innovasiẏa pedagogik täzelikler, olary bahalamak we pedagogik jemagat tarapyndan özleşdirmek, ony amalyẏetde ulanmak hakyndaky üpjünçilik sypatynda seredilẏar. Bu üpjünçilik üç ugury öz içine alẏar:

1. pedagogik neologiẏa (ẏunança neo-täze, logos-ylym, täzelik hakyndaky taglymat) diẏip atlandyrylyp, munda pedagogika ugrundaky her hili täzelikler öwrenilẏär, umumlaşdyrylẏar.

2. pedagogik aksiologiẏa (ẏunança aksioma–hormat etmek; sypatlandyrẏan taglumat) diẏip atlandyryp, munda pedagogik täzelikler üçinem iṅ netijelileri öwrenilipdi.

3. pedagogik praksologiẏa (ẏunança praks-hereket, logos-ylym, amalyẏetde ulanmak hakyndaky taglymat) diẏip atlandyryp, munda saẏlap alnan pedagogik täzelikler amalyẏetde ulanylẏar.

Her nähili pedagogik täzeligiṅ esasynda belli bir ideya bolẏar. Pedagogik texnologiẏa başçylygynda bilim protsesini meẏilnamalaşdyrmak, çözgüdini tapmak, netijelemek, düzediş girizmek

mümkinçilikleri bolỳar. Munda bilimniṅ garaşylỳan netijesinde amala aşyrylỳar, az wagty sarp edilỳär, bu bolsa pedagogik texnologiỳanyṅ netijeliligini aşyrỳar.

Pedagogik texnologiỳanyṅ tassyklaỳanlygy işlenen modeli başga pedagoglar ulananda-da edil şonuṅ ỳaly netije bermek gerekdigini bildirỳär, ỳagny bilim protsesine täzeçe mynasybetde bolup, döretjek bolỳandygy peỳda bolanda bilimi netijesi täze basgançaga göterilỳär, ỳagny

- çaganyṅ terbiỳesi, meỳilligi, islegi onuṅ mümkinçiligi derejesinde kanagatlandyrylỳar;
- okuwçynyṅ okuw zähmetine jogapkärçiligi we wezipesi açỳar;
- ömrüṅ dowamynda öz bilimini diṅe özi baỳlaşdyryp almagyna ynamy peỳda bolỳar;
- erkin pikirlenmek ukyby ösỳär;

.- şahs jemgyỳetde özüniṅ ornuny teziräk tapyp almagyna şert döredỳär.

Bilimi başgarmak sistemasynda peỳda bolan täze ugurlar aşakdaky işleri amala aşyrỳar:

- bilim ugrundaky kanunlar, normativ hüjjetleriṅ ỳerine ỳetirilişini bahalamagy ỳola goỳmak;
- «Kadrlary taỳỳarlamaga milli maksatnamasy»ny durmuşa geçirmak, Döwlet bilim standartlary we olaryṅ ỳerine ỳetirilişiniṅ monitoringini alyp barmagy;
- bilimiṅ başgarylmagy oba, mähelle organlary we okuw jaỳlarynyṅ umumy guramaçylyk pedagogik işlerı hatarynda pedagogik innovatsiỳalaryṅ netijeliligini analizläp barmagy;
- pedagogik tejribeleriṅ dowam edişini analitik taỳdan barlamak, umumlaşdyrmak, jemlemek dowamynda hödürlemeler taỳỳarlamagy;
- pedagogik tehnologiỳalary syn etmek, barlap barỳan we ỳerine ỳetirmegiṅ okuwyny peỳda etmek, muṅa baglanyşykly seminarlar geçirmek, treningler taỳỳarlamagyṅ çärelerini görmek;
- pedagogik tehnologiỳalary ösdürmek hakynda gerekli maglumatlar jamg`armasyny döretmek, analizlemek we tertibe salmagy.

## 5.4. Pedagogik innovatsiỳalary toplamak protsesi

Pedagogik innovatsiỳalary yzarlap tapmak, öwrenmek, analizleriṅ esasynda iṅ köp netije berỳänini saỳlap almak we olary amalyỳetde ulanmagyṅ tertibini belläp bir sistemany döretmek maksada laỳyk gelỳär. Munuṅ üçin birinjiden, innovatsiỳa hakynda anyk maglumatlar jamg`armasyny döredip, muny şertli görnüşde innovatsiỳalary «TOPLAMAK» protsesi diỳip kabul edỳäris.

Innovatsiỳalary toplamak ministrlik tarapyndan täze peỳda bolan merkezler, şeỳle hem bilim hünärmenleriniṅ kespi hünärini kämilleşdirmek institutlary, mekdebe çenli bilim başçylarynyṅ kespi hünärini artdyrmak dowamynda hemişe işleỳän respublika okuw kursy möçberinde monitoring merkezi we respublika bilim merkezi esasy ugur bolup hasaplanỳar.

**Pedagogik texnologiỳa monitorungi**

| | | |
|---|---|---|
| I basgyç | Öwrenmek | este saklamak |
| II basgyç | düşnüp almak | Özleşdirenini sypatlandyryp berip bilmegi |
| III basgyç | Analiz edip bilmek | Deṅeşdirmek, netije çykarmak, öz-ara baglanyş |
| IV basgyç | Piker bermek | Kada kanunyny bilmek we ulanmak |
| V basgyç | Sintez | Habary döretjek bolmaklyk bilen gaỳta işlemek |
| VI basgyç | Bahalamak | täze bilime geçmek |

Merkez işlerini alyp baryjy Döwlet bilim standartlary monitoringi mekdebiṅ pedagogik geṅeşleri, metod birleşmeleri, raỳon (oba) pedagogik halk bilim bölümleri geṅeşleri, welaỳat hünärini kämilleşdirmek institutlarynda öwrenilip toplanan pedagogik innovatsiỳalary öz wagtynda «bilim alyjylara» ỳetirmek ỳa-da käbirlerini dogrudan-dogry «ulanyjy»lara gönükdirmegi laỳyklaşdyryjy barỳar.

Pedagogik innovatsiyalary bilmekde amaly iş alyp barmakçy «pedagogik tehnologiỳalar merkezi» aşakdaky wezipeleri barỳar:

- maglumatlar ugurlaryny anyklaỳar;
- ulanmagyṅda ylmy-metodik taỳdan kömek berỳär;
- metodik gollanma, maksatnama we metodik pikirleri neşire yglan etmäge taỳarlaỳar;
- reyting sistemasy, okuwçylary mekdebe taỳỳarlamaga, Döwlet bilim standartlaryny düzmekde öṅündäki tejribeler toplumyny döredỳär;
- daşary ỳurt döwletleriniṅ bilim ugrundaky tejribelerini öwrenỳär, deṅeşdirilỳär we pikir taỳarlaỳar;

- amalda pikir - hödürlemeleri okadỳar, kespi hünärini ỳokarlandyrỳar, tejribe alyşmaklary guraỳar;

- pedagogika ugrunda alymlar, ylmy barlagçylar bilen baglanyşykly işlerı alyp barylỳar;

- innovatsiỳalaryṅ ulanmagyny dinamik görnüşde bahalap barỳar;

- innovatsiỳa baglanyşykly respublika ylmy-amaly geṅeşleri, konferentsiỳalary geçirỳär;

- kespi hünärini kämilleşdirmek institutlary, raỳon metodika we mekdep pedagogik geṅeşlerini täze bilim habarlary bilen üpjün edilỳär.

Öṅdäki pedagogik tejribeleri anyklamakda pedagogik protsesde ulanylỳan bilim-terbiỳäniṅ täzeçe formasy metod we usullary, şonuṅ bilen birlikde ỳokary netijelilige ỳetişmek üçin mümkinçilik döretmek bolup hasaplanỳar.

Pedagogik texnologiỳany eỳelemegiṅ ỳene-de bir basgyjy mugallymlarymyzyṅ pedagogik ussatlygy bolup esaplanan pedagogik texnikany eỳelemek bolup hasaplanỳar. Pedagogik texnika öz nobatynda mugallyma bilim-terbiỳe protsesinde zerur bolan umumy pedagogik tejribäniṅ mazmunyny öz içine alỳar, şeỳle hem pedagogtyṅ mimkikaly, pantomimikaly hereketleri-de uly ahmiỳete eỳe. Anyk üm-yşara, ỳüz-göz, beden hereketi, manyly seretmek, hoşamatlamak, ỳa-da gülüp durmak pedagogik tasir görkezmekde söz bilen düşündirmäge seredende bir näçe netijeli gatnaşyk-mynasybet düzümi bolup bilỳär. Pedagogik texnikany eỳelemek mugallymyṅ iṅ oṅat terbiỳeleỳjilik täsir görkezip almagyny üpjün edỳär. Bu mugallyma güỳçli, wagtyny tijäp, döretjek bolỳan işine şert döredỳär. Pedagogik duỳgurlyk we akyl-parasat pedagogik ussatlygy uly ahmiỳete eỳe.

Bilim-terbiỳänıṅ ylmy esaslanan texnologiỳasy–pedagogik ussatlyk.

Pedagogik texnologiỳa yzygiderli amalyỳetde, bilim-terbiỳe protsesinde ilki meỳilnamalaşdyrylan maksady amala aşyrmak bolup hasaplanỳar. Her hili bilim-terbiỳe protsesi belli bir pedagogik sistemada amala aşỳar.

Pedagogik texnologiỳa belli bir proekti pedagogik sistemada amalyỳetde ulanmak. Pedagogik sistema diỳende biz bir-birine baglanyşykly gural we prosseslerıṅ ynsan şahsynyṅ ösüşine täsir görkezmegini düşünỳaris. Pedagogik sistemada 2 zat ahmiỳete eỳe. Bu onuṅ maksat we wezipesi, bu maksat-wezipesini amala aşyrmak texnologiỳasy. Munda birinjiden, pedagogik texnologiỳanyṅ kömeginde bilim prosesindäki kemçilikleriṅ öṅündäkini almak we ilkinji bilim protsesini proektlemek, ony yzygiderli ulanmagyṅ esasynda ösdürmek meselesiniṅ çözülmegi gerek. Ikinjiiden, uzak wagtdan bäri ulanylyp gelỳän her bir ders ỳönekeỳ görnüşden görä, pedagogik texnologiỳa bilim protsesinden peỳdalanyp, ony ilkinjiden proektlemek okuwçynyṅ bilmek hyzmatynyṅ kämilleşmegini we mazmunyny bellemäge esas bolỳar. Munda, aỳratyn, täze pedagogik ahborot gurallary – maksatnamalaỳyn bilim pedagogik protsesi kompỳuterleşdirmegiṅ mekdeplerimize girip gelmegi şertinde ähmiỳetli bolup hasaplanỳar.

**5.5. Pedagogik texnologiỳanyṅ ösüş basgançaklary**

Pedagogik tehnologiỳanyṅ ösüşı uzak dowam edỳän protses. Biz umumy ỳagdaỳda onuṅ ösüş basgançaklaryny beỳan edỳäris:

1-basgyç-okuwçylaryṅ bölek hyzmatlarynyṅ analizi. Olaryṅ mekdebi tamamlandan soṅ ỳörite orta ỳa-da ỳokary okuw jaỳlaryna okuwa ỳa-da kesplik hyzmatinyṅ analizi.

2-basgyç-sol analizden gelip çykan halda pedagogik texnologiỳany işläp çykyp, onda bilimiṅ her bir basgyjynda, synpda okuw dersleriniṅ mazmunyny bellemek.

3-basgyç-belläp alnan bilim mazmunynyṅ esasynda okuwçylaryṅ okuw ỳüklemesi, gerekli wagt ölçeglerini anyklamak.

4-basgyç-didaktik protsesi amala aşyrmak üçin bilmegiṅ guramaçylyk optimal formalaryny bilmek we şoṅa laỳyk okatmak esbaplaryny anyklamak.

5-basgyç-didaktik maksady amala aşyrmak üçin okuwçylaryṅ gygyklanmasyny hasaba alan halda temalar, anyk dersleriṅ dowamynda metodik işlenmeler işläp barmak.

6-basgyç – bilimiṅ maksady esasynda okuw tapşyrmalarynyṅ sistemasyny işläp barmak we ony bilim protsesinde ulanmak.

7-basgyç-okuwçylaryṅ bellenilen okuw-materiallaryny özleşdirmekleriniṅ, bilim derejelerini bahalamak we özgerişler girizmek.

8-basgyç-okuw gönükmelerınıṅ mazmuny we düzümini işläp barmak, şonuṅ esasynda ders we oỳ tapşyrmalaryny optimal meỳilnamalaşdyrmak.

9-basgyç-ỳokarydakylardan gelip çykyp, proektleştirilen bilim-terbiỳe protsesini synagdan geçirmek.

Bu basgyçlar okuw protsesi texnologiyasyny işläp çykarmagyṅ yzygiderliligi (algortmi) bolup hasaplanỳar. Mugallymlarymyz galyba düşen 5 basgyçly ders bilen birlikde dersden daşary, mugallymlaryṅ tejribesinde nostandart dersler diỳip atlandyrylỳan formalary: leksiỳa, seminar, amaly gönükmeler, ỳaryş-söhbet, özbaşdak işlemek, konferentsiỳa, syỳahat, muşaira ỳaly formalaryndan-da giṅden peỳdalanmak gerek. Munuṅ üçin mugallymlar bilimni dersden daşary her bir formanyṅ düzülişi, basgançaklary maksatnamasy dersden üstünligini amalda synag edip görüp, täsirli formasyny anyklamagy zerur.

**Berkleşdirmek üçin soraglar**

1. Integratsiỳa diỳenimiz näne?
2. Innovatsiỳa diỳenimiz näme?
3. Kadrlardy taỳỳarlamagyṅ milli maksatnamasy»nyṅ ähmiỳeti näme?
4. Pedagogik texnologiỳa monitoringi nähili düzülỳär?
5. Pedagogik tehnologiỳalaryṅ merkeziniṅ nähili wezipeleri amala aşyrỳar?
6. Pedagogik ussatlyk we öňdäki pedagogik tejribeler diỳende nämäni duşünỳarsiṅiz?
7. Pedagogik tehnologiỳanyṅ näçe ösüş basgyjı bar?
8. Pedagogik tehnologiỳanyṅ ösüş basgançaklary haỳsy?

**Edebiỳatlar**


1. Grigoryants A.G. Malkino L.G. Atrof tabiat bilan tanishtirish (1-qism). T., 1987.
2. Nuriddinova M.I. Tabiatshunoslikni uqitish metodikasi, uslub va shakllari. Samarqand, 2003.
3. Nuriddinova M.I. Tabiatshunoslikni wqitish metodikasi. Toshkent, 2005.


## Leksiỳa-6

## Başlangyç synplaryṅ okuwçylarynyṅ tebigaty öwrenişi göz öňüne getirmegi bilen düşünjeleri kämilleşdirmekleriniṅ we ösdürmekleriniṅ metodik esasy

### Meỳilnama:

6.1. Tebigaty öwrenişi göz-öňüne getirmekleri we düşünjelerini kämilleşdirmek esaslary.

6.2. Umumy tebigaty öwreniş düşünjelerini kämilleşdirmek we olaryṅ kiçi ỳaşdaky mekdep okuwçylary tarapyndan özleşdirmek aỳratynlyklary.

6.3. Tebigaty öwreniş düşünjelerini netijeli özleşdirmegi üpjün edỳän metodik ỳagdaỳlar.

6.4. Logiki oỳlanmagyṅ we sözleỳişiṅ ösüşı.

### Daỳanç düşünjeleri:

Göz öňüne getirmek; tebigaty öwreniş düşünjelerini kämilleşdirmegiṅ esaslary; düşünjeleri netijeli özleşdirmek, metodika, logika we sözleỳiş, deṅeşdirmek, sintezlemek, umumlaşdyrmak, netije çykarmak.

**6.1. Tebigaty öwrenişi göz-öňüne getirmekleri we düşünjeleri kämilleşdirmegiṅ esaslary.**

Tebigaty öwreniş dersleriniṅ esasy maksady, okuwçylary tebigaty syn etmekligi öwretmek, olarda zähmet gönükmelerini we tebigata aṅly mynasybeti ösdürmekden ybarat. Ine bu ähmiỳetli talaplary ỳerine ỳetirmek, ilki tebigat hakynda göz-öňüne getirmeler we düşünjeleri kämilleşdirmekden başlanỳar.

Gündelikli durmuşa ekskursiỳalarda, syn etmekleri wagtynda predmetlerdi kabullamagy arkaly okuwçylar olardakyky meṅzeşlik we aỳratynlyk belgilerini tapyp bilỳär. Olarda iṅ ỳönekeỳ düşünjeler kämilleşip başlaỳar.

Pikirlenmek protsesinde çagalarda konkret pikirlenmek peỳda bolỳar. Pikirlenmek göni kabul edilenler we göz öňüne getirmeleriṅ esasynda kämilleşdirilỳär. Mysal üçin, «Deregiṅ damarlaryndan derek ösdürmegi, ỳaprykalryndan, güllerinden we miwelerinden durỳar» pikirlenmek derekleri syn etmäge olaryṅ aỳratynlyklaryny anyklamaga we analizlemäge ösümligiṅ birnäçe böleklerini deṅeşdirmäge laỳyk netije çykarmaga alyp gelỳär.

Tebigaty öwreniş dersinde çagalar Tashkent şäheri, Syrderỳa, Tỳan-Şan dagı ỳaly birden bir düşünjeler bilen daglary, derỳalar, galalar ỳaly umumy düşünjeler bilen, şyrşa, kaỳyṅ, emen, topol, şipovnik, jaşmin, gök towşan, ak towşan ỳaly körinüşli düşünjeler bilen, derek, puta, towşan ỳaly düşünjeler we ş.m..ler bilen duşuşỳar.

**6.2. Umumy tebigaty öwreniş düşünjeleri kämilleşdirmek we olaryň kiçi ỳaşdaky mekdep okuwçylary tarapyndan özleşdirmek aỳratynlyklary.**

Tebigaty öwreniş düşünjeleri –bu umumy esasy belgiler bilen birleşdirilen obỳektler, hadysalar, predmetleriň gruppasy hakyndaky bilimleri umumlaşdyrmak bolup hasaplanỳar. Meselem, «ösümlikler» düşünjesine ähli ösümlikler üçin umumy esasy belgileri bilen bir gruppasy birleşỳän her hili predmetler girỳär. Olaryň ählisi ösỳär, özgerỳär, dem alỳar, köpelỳär, ỳagny diri organizmler bolup hasaplanỳar. Düşünjeleri göz öňüne getirmelerden aỳratynlandyryp bilmek gerek.

Göz öňüne getirmek – bu duỳgy organlarynyň hyzmatynyň, oỳ ỳa-da hyỳal produkti (netijesi) bolup hasaplanỳar. Düşünje–pikirlenmek produktı (netijesi) bolup hasaplanỳar.

Göz öňüne getirmeler–düşünjeleriň duỳgy esasysy bolup hasaplanỳar. Düşünje köplenç birden-bir hadysalaryň esasy belgileriniň umumlaşdyrmak hökmünde peỳda bolỳar. Meselem, guşy göz öňüne getirmek üçin guşa seretseňiz ỳetgilikli.

Eỳsem, guş hakynda düşünje peỳda etmek üçin bolsa, anyk bilimleriň we olary sistemalaşdyrmagymyz gerek bolỳar.

Göz öňüne getirmeler predmetleriň ähmiỳetli aỳratynlyklaryny köpräk şöhlelendirmegi arkaly umumlaşỳar we düşünjelere aỳlanỳar.

Ekskursỳalar, praktiki işleriň wagtynda tebigat hakyndaky düşünjelerge eỳe bolỳar. Umumy düşünjeleri kämilleşdirmekde mugallym mınerallary işlemek zerur:

– Obỳektde belli bir maksady kabul etmegi guramak.

– Tebigatyň predmeti we zatlary hakyndaky her bir täze düşünjeleri analizlemek hem-de ondaky öň özleşdirilen ähli predmetlere gaỳtalanỳan esasy belgileri aỳratynlandyrmak.

– Hemmesi esasy bolmadyk ikinjii derejeli düşünjelerden abstraktsiỳalanmak, munuň üçin özgerỳän esasysy bolmadyk belgilere eỳe, emma esasy belgilerini saklaỳan predmetleri peỳdalanmak.

Tebigaty öwreniş düşünjelerini kämilleşdirmekde her bir pikirlenmek operatsiỳalaryny analizlemäge sintezlemäge, deňeşdirmäge, abstraktsiỳalara, konkretleştirmekde, umumlaşdyrmaga, aỳratyn üns berilmegi gerek.

Düşünjeleri – umumlaşdyrmak, ỳagny umumy häsiỳetlere eỳe predmetleri we hadysalary birleşdirmek prosesinde kämilleşdirilỳär.

Tebigaty öwreniş derslerinde düşünjeleri umumlaşdyrmak derejesi her hili. Olara aşakdaky ỳaly sypatlama berỳäris:

1. mazmuny; 2. göwrümi; 3. bu düşünjeleriň başga düşünjeleri bilen baglylygy.

Mazmun düşünjeleriniň iň ähmiỳetli belgileri bilen häsiỳetlenỳär. Tebigatyň in ähmiỳetli belgilerini aỳratynlandyryp almak üçin «belgi» we «iň ähmiỳetli belgi»ni aỳratynlandyryp bilmek gerek.

N.K.Kondakov: «Belgi-bu ähli zat ỳa-da hadysalarynyň görkezijisi, tarapy, olara seredip zat ỳa-da hadysalary saỳlap almak, anyklamak ỳa-da taryp bilmek mümkin», «iň ähmiỳetli belgi-bu şonuň ỳaly belgi, onda zatlaryň esasy tebigaty şöhlelendirilỳär, şonuň bilen birlikde görnüş we toparlardaky zatlardan (predmetler) aỳratynlandyrylỳar.

Mazmunyň dowamynda düşünjeler **ỳönekeỳ we çylşyrymly** bolup bölünỳär. Eỳsem, göwrümine görä düşünjeler, **özbaşdak we umumy** bolỳar.

**Geografik düşünjeler** özbaşdak (Taşkent) we umumy (daglar, peỳdaly gazyp alynỳan gazylmalar) düşünjelere hem-de **biologik düşünjeler** görnüş (läla, arça, haỳwanlar, ỳapyrakly ösümlikler we ş.m..) düşünjelere bölünỳär.

Derslerda her hili görnüşdäki metodik gurallary ulanmagyň, praktiki işleri, tejribeleri, görkezme gollanmalaryny peỳdalanmak täze düşünjeleri özleşdirmek düşünjeliligini artdyrỳar. Düşünjeleri kämilleşdirmekde düşünjäniň käbir elementlerden durỳandygyny nazarda tutmak gerek. Birden-bir düşünjeler – bu ol ỳa-da bu predmete, zada tipleş bolan ỳeкe belgiler bolup hasaplanỳar.

Eger umumy düşünje terminleri bilen berkleşỳän bolsa, onda birden-bir düşünjeleriň atlary ỳa-da öz atlary bilen berkleşỳär, sebäbi şeỳle başga obỳekt ỳok. Birden-bir düşünjeleri kämilleşdirmekde umumy düşünjäni açyp bermäge aỳratyn üns bermek zerur.

Tebigat obỳektleri we hadysalary hakynda dogry düşünjeleri peỳda etmek üçin ilki, olary syn etmek, soň olaryň suratyny (surat, tablitsa, karta, sxema) görüp barmak, mugallymyň gürrüňi ỳa-da söhbetini eşitmek we alnan düjünjeleri derslik dowamynda berkleşdirmek gerek.

Ỳeкe düşünjeler başga predmetler, hadysalara laỳyk bolan ỳeкe belgi. Eger umumy düşünjeler atlary bilen berkleşdirilse, ỳeкe düşünjeleriṅ ady ỳa-da ỳeke ady bilen beriljär, sebäbi onuṅ adynda başga obỳekt bolmaỳar.

Tebigaty öwreniş derslerinde ỳeкe düşünjelerden daşary **ỳygyndy düşünjeler** hem kämilleşỳär. Olar umumy belgilere eỳe bolan ỳeкe territoriỳaly düşünjelerden gurulỳar. Mysaly, çöllere has mahsus bolan ösümlikleriṅ (sazak, gum akatsiỳasy, ỳandak) bir zonada bolmagy we umumy belgileri (uzyn damarlar, iri ỳaprak plastinkalarynyṅ ỳoklugy, tikenleriniṅ bolmagy) birleşdirỳär.

Ỳygyndy düşünjelere girỳän her bir ỳeкe düşünje özüniṅ individual aỳratynlyklaryny saklaỳar.

Subtropik ösümlikler-dafna, mangoliỳa, çaỳ, kiparis, çöl ösümlikleri-sekseỳail, gum akatsiỳasy, ỳandakdan tapawutlanỳar.

**6.3. Tebigaty öwreniş düşünjelerini netijeli özleşdirmegi üpjün edỳän metodik ỳagdaỳlar.**

Tebigaty öwreniş derslerinde birden-bir düşünjelerden başga ỳygnalan düşünjeler-de kämilleşdirilỳär. Okuw materialy okuwçylar tarapyndan berk özleşdirilmeỳän ỳagdaỳlarda köp duş gelỳär.

Sistema-düşünjeleri ösdürmegiṅ birden-bir şerti bolup hasaplanỳar. Seỳrek ỳagdaỳda tebigaty öwreniş düşünjesi belli bir metodik ỳagdaỳlarda saklamagy amala aşyrỳar.

Tebigaty öwreniş düşünjesi diṅe göni kabul etmek, syn etmegiṅ esasynda öwrenilỳän predmet ỳa-da zat hakynda däl eỳsem, konkret göz-öṅüne getirmek şertini ỳerine ỳetiren ỳagdaỳynda dogry bolỳar.

Okuwçylaryṅ aktiv pikirlenmegini terbiỳelemekda mugallymyṅ berỳän soraglary uly roly ỳerine ỳetirỳär. Tebigaty öwreniş derslerinde dersligiṅ ahmiỳetini aỳdyp bermekde analizlemekden sintezlemegi umumlaşdyrmagy talap edỳän soraglary bermek gerek. Düşünjeleriṅ dogry bolmagy üçin:

1. prtoblemanyṅ anyk goỳulmagy;
2.Mugallym tarapyndan okuw materialyny beỳan ediş logikası;
3. Anyklamagyṅ we deṅeşdirmegiṅ dowamynda gönükmeler;
4.Düşünjeleri baglanyşdyrỳan we ösdürỳän gaỳtalamak sistemasy;
5. Umumlaşdyrmagy talap edỳän soraglar;
6. Düşünjeleri okuw we gönükmeler bilen baglanyşdyrỳan soraglar üpjün edỳär

Düşünjeleriṅ peỳda bolmagyny obỳektler we görkezme materialyṅ her hili görnüşleri (tablitsa, sxema, surat we ş.m.) uly ahmiỳete eỳe. Mysaly, tablitsa bilen alyp barylỳan kontrol işlerı her bir okuwçynıṅ belli bir düşünjeleri näçe özleşdirendigini anyklamaga mümkinçilik berỳär. Okuw ỳylynyṅ ahyrynda tebigaty öwrenişiṅ dowamynda aşakdaky formada özbaşdak iş alyp barmak mümkin:

**3-synpda**

**1-tablitsa**

| **Ösümlikler** | | | **ösümlikler** | | | **guşlar** | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| atyz | park | Bag | Güỳzde | Gyşda | baharda | Güỳzde | gyşda | Baharda |
| | | | | | | | | |

## 4-synpda

## 2-tablitsa

| **Peỳdaly gazylmalar** | | |
|---|---|---|
| Gurluş | ỳakylgy | minerallar |
| | | |

## 3-tablitsa

| **Tebygi zonalaryṅ xarakteristikasy** | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Ady | sahypasy | gyş we ỳazdaky temperaturasy | ösümlikleri | Haỳwanlary | Hojaỳnyṅ kespi |
| | | | | | |

**6.4. Logiki oỳlanmagyṅ we sözleỳişiṅ ösüşı.**

Tebigaty öwrenişde göz-öṅüne getirmekleri we düşünjeleri kämilleşdirmekde pikirlenmek we sözleỳiş uly roly ỳerine ỳetirỳär. Gurşap alan tebigat bilen tanyşdyrmak çagalaryṅ syn etmegine esaslanỳar.

Tebygi material bilen iş alyp barmakda pikirlenmek logikasyny ösdürỳän deňeşdirmä aỳratyn üns berilỳär.

Deňeşdirme-predmet we hadysalaryň arasyndaky meňzeşlik hem aỳratynlyk belgilerini anyklamak bolup hasaplanỳar. Deňeşdirme– akylyň analitik işı bolup hasaplanỳar.

Deňeşdirme operatsiỳasy–kyn we sintezlemegi, umumlaşdyrmagy we netije çykarmagy öz içine alỳar.

Deňeşdirme üçin tapşyrmany düzmekde aşakdaky talaplara amal etmek gerek:

1.Diňe bir-birine baglanyşykly predmet we hadysalary, ỳagny olaryň otrasyndaky meňzeşlik ỳa-da aỳratynlygyny deňeşdirme gerek;

2. Deňeşdirme maksada ỳugurlan halda bolmagy, deňeşdirme diňe belgileriň dowamynda däl, belki harakterine we getirỳän peỳdasyna görä bolmagy mümkin;

3.Deňeşdirme netije bilen tamamlanmagy gerek.

Analizlemek- pütini belgilenen bölekleri aỳratynlandyrmak, ỳörite belgilere bölmek, meňzeş zatlarda aỳratynlygyny tapawutlandyryp bilmek.

Mysal üçin, ähli gülli ösümliklerde damary, baldagy, güli, miỳwesi bolỳar, emma bu belgileriň meňzeşliginde, meselem, bugdaỳ we mekgede aỳratynlanỳar.

Mekdebiň ỳanyndaky ỳerde ösỳän ösümlikleri baldagy, ỳapraklary, gülleri, miỳweleri ders dowamynda deňeşdirmegi hödürlemäge bolỳar.

Sintez- baglanyşlary ornalaşdyrmak, umumlaşdyrmak we netije çykarmak (gülli ösümlikleriniň damarlary köpräk inçe damarlardan ybarat, çaňalagy-göwek, ỳapyragy-insiz we uzyn, miỳwesi-däne)

## Berkleşdirmek üçin soraglar:

1. Birden-bir düşünjeleriň umumy düşünjelerden aỳratynlyklaryny aỳdyp beriň?
2. Tebigaty öwreniş düşünjeleri başlangyç synplarda näme maksat bilen kämilleşdirilỳär?
3. Göz öňüne getirmeler diỳenimiz ne?
4. Mazmuny dowamynda düşünjeler nähili görnüşlere bölünỳär?
5. Göwrümine görä düşünjeleriň nähili görnüşleri bar?
6. Geografik düşünjeler diỳen näme?
7. Biologik düşünjeler nähili bolỳar?
8. Deňeşdirme diỳenimiz näme?
9. Analizlemek diỳen näme?
10. Sintez diỳen näme?

**Edebiỳatlar:**

1. Akvalieva G.N. Prirodovedenie v malokompleksnoy shkole. M., 1988.
2. Bel`skaya I.M., Grigoryants A.P. Tabiyatshunoslikni wqitish. T., 1986.
3. Haydarov Q.H. Tabiatshunoslik asoslari va bolalarni atrof tabiat bilan tanishtirish metodikasidan labaratoriya mashg`ulotlari. T., 1980
4. Grigoryants A.G. Tabiatshunoslik (3-cinf uchun darslik). T., 2001.

## Leksiỳa-7
## Tebigaty öwrenişi okatmak metodlary. Tebigaty öwrenişı okatmakda her hili metodlardan peỳdalanmak

**Meỳilnama:**

7.1. Okatmak metodlary hakynda umumy düşünje.
7.2. Tebigaty agzeki okatmak metodlary.
7.3. Syn etmek-tebigaty öwrenmegiň görkezme metody.
7.4. Tejribeli- tebigaty öwrenmegiň praktiki metody.
7.5.Tebigaty öwrenişi okatmak metodlary sistemasyndaky praktiki işler.
7.6. Okuwçylaryň öwrenmek hyzmatyndaky barlag metody.
7.7. Tebigaty öwreniş derslerinde problemaly ökatmagyn elementleri.
7.8. Tebigaty öwreniş derslerinde programmalasan ökatmagyn elementleri.

**Daỳanç düşünjeleri:**

Okatmak metodlary; agzeki okatmak metody;, syn etmek - görkeme-sergi metody; tejribeler; amaly işler; barlag metody; problemaly ökatmagyṅ elementleri; programmalaşdyrmak.

## 7.1.Okatmak metodlary hakynda umumy düşünje.

Okatmak–terbiỳelemek protsesi–bu mugallymyṅ okatmak hyzmatynyṅ we okuwçylaryṅ okuw hyzmatynyṅ birikdirilmegi eỳsem okatmak metody–bu mugallymyṅ bilimleri bermek we olaryṅ okuwçylar tarapyndan özleşdirilmegi bolup hasaplanỳar.

Tebigaty öwrenişi okatmak metodlary esasynan üç topara bölünỳär:

1. Agzeki okatmak metodlary – materialy mugallymyṅ agzeki beỳan edip bermegi, gürrüṅ geçirmek, kitap bilen işleşmek.

2. Görkezme okatmak metodlary-demonstratsiỳa ỳasap görkezmekler, özbaşdak syn etmekleri, ekskursiỳalar.

3. Praktiki okatmak metodlary - agzeki we ỳazmaça gönükmeler, grafiki we laboratoriyaly işler.

Okatmak metodlaryny metodik usullar bilen çalyşdyrmaga bolmaỳar. Metodik usul - bu, metodyṅ elementleriniṅ birisi bolup, onuṅ çylşyrymly bölegi bolup hasaplanỳar. Metodlar we metodik usullar öz-ara ỳakyn baglanyşan bolỳar. Olaryṅ didaktik birligi olaryṅ bir-birine geçip bilmeỳänliginde bolup hasaplanỳar.

## 7.2.Tebigaty agzeki okatmak metodlary

Agzeki okatmak metodlary ỳokaryda aỳdyp geçişimiz ỳaly, materialy mugallymyṅ agzeki beỳan edip bermegi, gürrüṅ geçirmek, kitap bilen işleşmegi bolup hasaplanỳar.

Metodlar we usullar kompleks görnüşinde peỳdalanylỳar.

Gürrüṅ. Okuwçylara bilim bermegiṅ ỳedinji metody mugallymyṅ janly sözi - gürrüṅi bolup hasaplanỳar. Gürrüṅ mugallymyṅ ỳeкe özüne baglanyşykly bolỳar, şonuṅ üçin-de onuṅ özünde okuwçylara edep-ekramlylyga täsir etmek üçin uly mümkinçilikleri bar.

Mugallymyṅ obrazly emotsional we yzygiderli beỳan edip barmagyndan ybarat bolup hasaplanỳar. Gürrüṅ berk yzygiderliligi saklamagy arkaly mugallym her hili görnüşdäki usullary we ony logiki işläp barmak usullaryny ulanỳar.

Okatmak praktikasynda gürrüṅ aşakdaky ỳaly görnüşleri bar: aỳdyp bermek, beỳan edip barmak, häsiỳetlendirip bermek, düşündirmek, analizlemek we ş.m. ulanylỳar.

Gürrüṅ ony gören adamyṅ syỳahatçynyṅ, ỳaş naturalistiṅ, turistiṅ nähili bolmasyn täzelik açmaga mynasybetiniṅ we we ş.m..leriṅ adyndan alyp barylỳar.

Beỳan edip bermek gurşap alan hakykatdan alnan predmetleriṅ we hadysalaryṅ belgilerini, aỳratynlyklaryny, häsiỳetlerini, peỳdaly ỳer asty gazylmalary, ol ỳa-da bu tebygy zonadaky ösümlikleriṅ haỳwanatlaryṅ funktsiỳasynyṅ we klimatyṅ aỳratynlyklaryny yzygiderlilikde beỳan edip bermekde ulanylỳar.

Häsiỳetlendirip bermek-beỳan edip bermegiṅ zat ỳa-da predmetiṅ iṅ esasy belgilerini we aỳratynlyklaryny aỳdyp görkezmekden ybarat bolan her dürlüligi (daglary derỳalary,tebygi zonalary häsiỳetlendirip bermek) bolup hasaplanỳar.

## 7.3. Syn etmek-tebigaty öwrenmegiṅ görkezme metody.

Gurşap alan hakykatlygyṅ predmetleriṅ we zatlaryṅ rejeli görnüşde, ugurlaỳyn maksada, aṅly görnüşde guramaçylyk bilen kabul etmek tebigaty öwrenişi syn etmek diỳip düşünilỳär.

Syn etmegiṅ iki belgisi bilen: anyklanan maksadynyṅ bar ekenligini we ünsli syn etmek obỳektine maksady jemlemek bilen häsiỳetlendirilỳär.

Predmetleri we hadysalary syn etmek, olary deṅeşdirmek, meṅzeşlik we aỳratynlyk belgilerini anyklamak, oỳlanmaga, ünsli we erkin pikiriṅ ösmegine kömek edỳär. Syn etmek protsesinde, şeỳle hem durmuşda ulanmagyṅ häsiỳetine eỳe bilimler, mysaly ösümlikleriṅ xarakterini anyklamagyṅ dowamynda olaryṅ ugur almagyny bilmek, haỳwanatlaryṅ we ösümlikleriṅ gymyldy-hereketiniṅ dowamynda, tebigatdaky özgerişleriṅ dowamynda, howanyṅ mümkin bolan özgerişlerini öṅündäkini takmynan aỳdyp bermek, tehnik zähmet dersinde tebigaty öwreniş materialyny peỳdalanmak (tebygi material-miỳweleri, tohumlary, ỳapraklary, gabyklary bilen iş işlemek) kabul edilỳär.

Syn etmek üçin golaỳly obỳektleri saỳlap almak zerur. Syn etmekde olary öwrenmek xarakterine eỳe bolmagı gerek.

Tebigaty syn etmek sistemasyna aşakdaky düşünjeleri girizmek zerur: janly we jansyz tebigat, miỳwe agaçlary we bezelen derekler, ir gülleỳän ösümlikler, tehnik ösümlikler, suw ösümlikleri, ovoş we pomidor, käşir we ş.m. ekinleri, däneli ekinler, nasekomalar, balyklar, jer we suwda janly haỳwanlar, guşlar.

**7.4. Tejribeli- tebigaty öwrenmegiň praktiki metody.**

Tejribe-bu, öwreniỳän hadysalaryň kanunalyklaryny anyklamaga mümkinçilik berỳän ỳagdaỳlar ỳasama görnüşde peỳda etmäge kömek berỳän okatmak metody bolup hasaplanỳar. Tejribeler geçirmekde okuwçylarda başga-da birnäçe metodlar bilen tebigaty öwrenişi göz öňüne getirmeklerini kämilleşdiriỳär.

Tejribeler çagalara abstrakt düşünjeleri, konkret düşünjelere öwürmäge kömek berỳär.

**7.5.Tebigaty öwrenişi okatmak metodlarynyň sistemasyndaky praktiki işler.**

Praktiki işler tebigat hakyndaky bilimleri özleşdirmekde uly roly ỳerine ỳetirỳär. Praktiki iş-bu, okuwçylaryň hyzmatynyň protsesinde olary her hili zähmet operatsiyalarynda okatmak metody bolup hasaplanỳar.

Synpda praktiki işler bölüşdirilip berỳän material bilen geçiriỳär, bu okuwçylara öwreniỳän materialy birden- bir duỳgy organlary bilen kabul etmäge mümkinçilik berỳär.

Ekskursỳalary geçirmekde mugallymyň tabşyrmasy (ỳapyraklary toplamak, gurap galan şahalary kesmek, suwratlaryny çekmegi ỳerine ỳetirmek, ölçegleri geçirmek, peỳdaly gazylmalaryň kolleksiỳalaryny toplamak h.we ş.m. ler) dowamynda çagalaryň özleriniň iş alyp barmagyna uly üns beriỳär.

**7.6. Okuwçylaryň öwrenmek hyzmatyndaky barlag metody.**

Mekdepdäki okatmak-adamy ömüre, jemgyỳetdäki peỳdaly hyzmata taỳỳarlamagyň zerur basgyçı bolup hasaplanỳar. Ol ỳeкe adamkärçiligi kämilleşdirmegiň çylşyrymly protsessleri, onuň peỳda bolmagy, terbiỳelenmegi, ösüşı bilen baglanyşykly bolỳar. Tebigaty öwreniş derslerinde okatmak usuly dogry ỳola goỳulỳan ỳagdaỳynda çagalara tebigata bolan söỳgi öwrediỳär, ösümliklere we haywanlara bolan gyzyklanmany emele getirỳär, syn etmekligi emele getirỳär, syn etmek, logiki pikirlenmek we baglanyşykly sözleỳişi ösdürỳär.

Tebigat ỳagdaỳlaryny syn etmek, deňeşdirmeler, umumlaşdyrmalar, özleriniň pikirlenmeklerini agzeki we ỳazmaça görnüşde beỳan edip bermek üçin okuwçylara her hili görnüşdäki konkret materialy berỳär.

Okuwçylaryň janly tebigat bilen ỳakynlaşmagy olary fiziki zähmete we estetik terbiỳelemek üçin giň mümkinçilikleri açyp berỳär. Olar tebigatyň okuwçylary terbiỳelemäge we akyl-oỳuny ösdürmäge bolan täsiri şonca-da peỳdaly bolỳar. Emma bu maksatlara ỳetişmek üçin tebigaty öwreniş we ony okatmak metodikasyny kämilleşdirmek zerur. Başlangyç synplaryň ünsi okuwçylaryň öwrenmek hyzmatyndaky barlag metodlaryny öwretmek gerek, eỳsem olara özleriň iş alyp barmaklaryny hem öwretmek zerur.

Tebigat bilen tanyşdyrmak barlag metodyny peỳdalanmak arkaly mugallym okuwçylara özleriniň öňünde goỳlan meseläni aňly görnüşde düşünmegine kömek berỳär.

Barlag metodyny ulanmagyň netijesinde okuwçylar «Biziň Watanymyzyň tebigaty her dürli» temasynyň dowamynda özleriniň işini ỳerine ỳetirip almagy-da mümkin. Mugallym okuwçylara aşakdaky ỳaly ugrukduryjy soraglary berip, dersi dünỳä ỳüziniň her hili bölekleriniň tebigatyny deňeşdirme esasynda düzỳär.

Gaỳtalanỳan gürrüňden soň, okuwçylaryň alan maglumatlary tablitsa görnüşinde umumlaşdyrylỳar.

Zonanalryň her haỳsynda doglan ülkämiziň tebygi ỳagdaỳlary bilen meňzeş bolan obỳektleriň we hadysalaryň aşagyny gyzyl galam bilen, eỳsem, ỳerlikli tebygi şertlerden aỳratyn tapawutlanỳan obỳektleriň we hadysalaryň aşagyny gök galam bilen çyzylỳar.

Kiçi ỳaşdaky mekdep okuwçylarynyň öwrenmek hyzmatynda barlag metodyny praktiki işleri, ekskurssiỳalary we syn etmekleri geçirmekde gündelikli peỳdalanmaga bolỳar.

Meselem, 3-4-synplarda barlag harakterindäki tabşyrmalar:

*«Ekilỳän ỳeriň galyňlygynyň damarlaryndan tüỳnekleỳän ösümlikleriň hasylyna edỳän täsiri»;*

*«Ekiş wagtynda damaryndan tüỳnekleỳän ösümlikleriň hasylyna we dekorativlik ösümlikleriň gülleỳän wagtyna edỳän täsiri»;*

*«Mineral we organiki dökünleriň damarlaryndan tüỳnekleỳän ösümlikleriň hasylyna, gül-dekorativlik ösümlikleriň ösmegine we ösüşine edỳän täsiri»* temasy dowamynda praktiki işler we tejribeler geçirmekde beriliỳär.

Şeỳle hem mekdep ỳa-da kolhoz pillehanasynda pille gurçugyny, akvariumdaky balyklaryň ösüşini, parkdaky derekleriň, pudaklaryň ösüşindäki özgerişleri h.we ş.m..leri syn etmekleri-de barlag işlerınıň görnüşinde geçirmäge bolỳar.

Synpdan we dersden daşary wagtda okatmak-tejribe ỳerindäki praktiki işleri geçirmek üçin bagyşlanan tabşyrmalara barlag elementlerini girizmek zerur.

Tebigaty öwreniş boỳunça dersliklerde göwrümi köprak okuw materialy ỳerleşdiriliỳär. Bu materiallary okuwçylary maksatnamada nazarda tutulan tebigaty öwrenişiň bilimleri, ukyplylygy we gönükmeler bilen berk gurallandyrmak üçin netijeli görnüşde peỳdalanmaga bolỳar.

Barlag metodynyň getirỳän üstünligi okatmagyň ylmylygyny we golaỳlylygyny dogry birleşdirmek okuwçylaryň nazary bilimlerini we praktiki gönükmelerini derejeleriň arasinda häzire çenli saklaniy gelỳän üzlüksizligi saplaşdyrmak, materialyň baglanyşlylygyny yzygiderli saklamak bilen üpjün edỳär.

**7.7. Tebigaty öwreniş derslerinde problemaly ökatmagyn elementleri.**

Barlagçy barlag hyzmatynda okuwçylaryň öwrenmek aktivliligini ösdürmek problemaly okatmagyň esasy bolup hasaplanỳar.

Problemaly ökatmagyň elementlerini öz içine alỳan derslerde okuwçylara täze maglumatlara eỳe meseleleri çözmek hödürlenỳär.

Problemaly okatmak soňky ỳyllaryň içinde alym psihologlaryň, akyldarlaryň, metodistleriň ähli pikirleri mekdep mugallymlarynyň ünsüni bardygyça köpräk özüne çekip gelỳär.

Alymlar problemaly okatmagy aşakdaky ỳaly basgyçlara bölỳär.

1. PROBLEMANY AỳDYP BERILMEGI,
2. PROBLEMANYň ÇÖZÜLMEGINIň BARLAGY,
3. PROBLEMALY ÇÖZÜLMEGY,
4. ÇÖZMEGIŇ DOGRULYGYNY BARLAP GÖRMEK.

Dersde problemaly ỳagdaỳyň peỳda bolmagy- çylşyrymly didaktik mesele bolup hasaplanỳar. Tebigaty öwrenişıň her bir dersinde problemaly ỳagdaỳ bolỳar we bolmagy hem gerek.

Şonuň bilen birlikde problemaly okatmagy esasly işe aşyrmakda, ol okuwçylaryň okuw hyzmatyny aktivleşdirmek üçin uly mümkinçilikleri açyp berỳär.

Ders çagalarda goỳulỳan problema gyzyklanmany oỳarỳar bilimleri kabullamagyň sistemasynda onuň ähmiỳetliligini görkezmek, täze bilimleri kabullamakda talapjaňlygy peỳda etmegi mümkin bolỳar ỳaly düzülmelidir.

**7.8.Tebigaty öwreniş derslerinde programmalaşdyrylan ökatmagyň elementleri.**

Häzirki wagtlary okuwçylaryň öwrenmek hyzmatyny aktivleşdirmek we olaryň bilimlerini tebigaty öwreniş derslerinde barlap körmek maksadynde her bir okuwçynyň okuw işleriniň aỳratynlygyna mümkinçilik berỳän we gaỳta işläp barmagy guramakda kömek berỳän programmalaşdyrylan okatmak usuly ulanylỳar.

Programmalaşdyrylan okatmak usuly bilimleri eỳelemäge hereket etmegiň syn etmage, haỳsy zvenoda ỳalňyş gidendigini, okatmak protsesine nähili düzedişler girizmek gerekdigini anyklamaga mumkinçilik berỳär.

Programmalaşdyrylan okatmak usuly üçin minerallar zerur:

– okuw materialyny pugta analizlemek, ony üỳtgewsiz görnüşde saỳlap almak we logiki yzygiderlilikde bölüşdirmek;

– okuwçylaryň öwrenmek hyzmatyna başçylyk etmek.

programmalaşdyrylan okatmakda okuwçylaryň okuw materialyny eỳelewdegi aỳratynlygy we aktivliligi ỳokarlanyp barỳar.

Bahalamak üçin tabşyrmalary programmalaşdyrmak printsipi okywçylaryň beren agzeki jogaplaryny şertli görnüşde bellikler – sifrler ỳa-da çyzyklaryň kesindileri görnüşde ỳazmaça görnüşdäki jogaplar bilen almaşdyrylmaga getiriliỳär.

Tebigaty öwreniş aşaky synplarda öwrenilende programmalaşdyrylan ökatmagyň käbir mümkin bolan variantlaryny görmäge bolỳar.

***1. tezislik tipdäki kartoçka-tabşyrmalary:***

kartoçkada tebigaty öwreniş obỳektleriniṅ (ösümlik we haỳwanlaryṅ) atlary belli tertip nomer görnüşinde getirilỳär.

**tema: « doglan ülkämiziṅ tebigati» ( 3 - synp)**

tabşyrma. mineraly atlandyryp görkeziṅ:

A) miỳwe agaçlar; b) dekorativ derekler; v) çapylan bölekler; g) çöpler.

***tezisler.***

*1. suw burçy ösümligi* — *9. sirin*
*2. ỳabany gyzyl gül* — *10. ak derek*
*3. guỳma-goçakly ösümligi* — *11. ligustrum*
*4. alma agajy* — *12. çynar agajy*
*5. atgulak* — *13. tut agajy*
*6. igde agajy* — *14. jaşmin*
*7. serwi agajy* — *15. şebdaly agajy*
*8.çiỳe agajy*

***jogaplary. a) 3, 8, 13, 15~ b) 4r, 8, 12, 14~ v) 1, 6, 10, 11~ g) 1, 2, 5.***

**Berkleşdirmek üçin soraglar:**

1. Okatmak metody diỳenimiz näme?
2. Okatmak metodlary nähili gruppalara bölünỳär?
3. Agzeki okatmak metodlaryna nämeler degişli?
4. Gürrüṅe goỳulỳan talaplar näme?
5. Tejribe diỳenimiz näme?
6. Syn etmek metody haỳsy metod görnüşine degişli?
7. Başlangyç mekdepde tejribeleri demonstratsiỳa edip görkezmegiṅ nähili görnüşleri peỳdalanylỳar?
8. praktiki işler geçirmegiṅ ähmiỳeti nähili?
9. kiçi ỳaşdaky mekdep okuwçylarynyṅ öwrenmek xyzmatynda barlag metodynyṅ ähmiỳeti näme?
10. problemaly okatmak nähili basgyçlara bölünỳär?

**Edebiỳatlar**


1. Akvalieva G.N. Prirodovedenie v malokompleksnoy shkole. M., 1988.
2. Bel`skaya I.M., Grigoryants A.P. Tabiyatshunoslikni wqitish. T., 1986.
3. Haydarov Q.H. Tabiatshunoslik asoslari va bolalarni atrof tabiat bilan tanishtirish metodikasidan labaratoriya mashg`ulotlari. T., 1980
4. Grigoryants A.G. Tabiatshunoslik (3-cinf uchun darslik). T., 2001.


## *LEKSIỳA-8*

## TEMA: Tebigaty öwreniş derslerini okatmagyṅ dowamynda dersi guramagyṅ formasy

Meỳilnama:

8.1. Mekdepde - ders okatmagy guramagyṅ esasy formasy.
8.2. Häzirki tebigaty öwreniş dersinde goỳulỳan esasy talaplar
8.3. Terbiỳe, didaktik, psixologik, gigiena talaplary.

### Daỳanç düşünjeleri:

Ders we derslik; tebigaty öwreniş dersine goỳulỳan esasy talaplar; didaktika, psixologiỳa, gigiena.

### 8.1. Mekdepde - ders okatmagy guramagyṅ esasy formasy.

Ders - mugallymyṅ synp bilen alyp barỳan okatmak - terbiỳelemek işini guramagyṅ esasy formasy bolup hasaplanỳar. Dersde ähli okatmak- terbiỳelemek sistemasy, okatmak metodlarynyṅ usullarynyṅ we esbaplary kompleksi amala aşyrylỳar.

Dersde gürrüṅ, gürrüṅleşmek metodlary görkezme gollanmalary, tejribeleri, praktiki işi demonstratsiỳaly ỳasap görkezmek arkaly peỳdalanylỳar.

1. Sapagy guramak momenti (salamlaşmak, okuwçylaryṅ dere mynasybetini barlamak, işe taỳỳarlygy);
2. Öỳe işiṅ (tabşyrmanyṅ) ỳerine ỳetirilişini barlamak (okuwçylara öṅden mälim bolan gollanmalary ỳa-da tejribeleri peỳdalanyp sorag-jogap geçirmek);
3. Täze materialy öwrenmek - täze tema boỳunça giriş görnüşinde gürrüṅ geçirmek, praktiki iş, mugallymyṅ gürrüṅi, dersde öwrenilmegi gerek bolan hadysalara syn etmeklerini alyp

barmak, dersiň dowamynda depderlere ýazyp barmaklary, suratlaryny çekmek, okatmagyň tehnik esbaplaryndan peýdalanmak;

4. Dersde öwrenilen materiallary barlamak we berkleşdirmek. Munda täze materiallaryň öň geçilen materiallar bilen baglanyşdyrmak we täze temany düşündirmek, gyzykly materiallary peýdalanmakdan ybarat.

5. Öe iş (tabşyrma) bermek.

**8.2. Häzirki tebigaty öwreniş dersine goýulýan esasy talaplar**

Tebigaty öwreniş dersine goýulýan umumy talaplar aşakdaky ýaly:

- Okuwçylary tebigatdaky möwsümiň özgerişleri hakynda, öz ülkämiziň tebigaty hakynda, ýurdumyzyň tebigatynyň her dürlüligi, ýeriň formasy, relýefi, adamlaryň jan-saglygyny goramak hakyndaky bilimler bilen gurallandyrmak.
- Ýokary synplarda botanika, zoologiýa, geografiýa, anatomiýa boýunça okuw materialyny özleşdirmek üçin taýýarlyk görmäge kömek bermeklerini kämilleşdirmek,
- Her taraplama garmoniki ösdürmekligi amala aşyrmak.
- Tejribeleri praktiki işleri, ekskursýalary, syn etmekleri geçirmegiň aýratynlygy, döredijilikde bolmagyň aktivliligini kämilleşdirmek.
- Tebigaty öwreniş harakterindäki kitaplardan we jurnallardan bilimleri eýelemek ukybyny işläp barmak.
- Zähmet söýüjiligi, synpda we okuw-tejribe ýerindäki zähmeti ýerine ýetirmek gönükmelerini terbiýelemek.
- Tebigaty öwrenişi öwrenmekde bilim derejesini, gyzyklanmasyny kämilleşdirmek.

Bu talaplary şertli görnüşde bilim berýän, terbiýe, didaktiki, psixologik, gigiena talaplaryna birleşdirilýär.

**8.3. Terbiýe, didaktik, psixologik, gigiena talaplary.**

Özbegistan Respublikasynyň Garaşsyzlygy mynasybeti bilen, ideologik, milli ideýa, garaşsyz ýurdumyzyň ýaş kadrlaryna materialist dialektik ylmy göz-garaýşy kämilleşdirmäge, watany söýmäge, ene tebigaty gorap saklamak ruhynda terbiýelemek bolup hasaplanýar.

Tebigaty öwreniş derslerinde mekdep okuwçylaryny - milliy-ideýa ruhunda terbiýelemek. Zähmet, edep-ekramlylyk, ekologik terbiýe, fiziki terbiýe birligini üpjün edýär we uly terbiýeleýjilik ähmiýetine eýe bolýar. Şeýle hem tebigaty öwreniş derslerinde ýaş nesli ekologik terbiýelemek üçin giň mümkinçilik açyp berilýär. Olaryň ruhuny, tebigaty goramaga, ösümlik we haýwanlary goramaga, tebigata bolan mähribançylygyny oýarýar.

Tebigaty öwreniş dersinde täze materiallaryň öwrenilýän wagtyny dogry saýlap almak uly ahmiýete eýe bolýar. Okatmagyň häzirki zaman tehnik esbaplaryny ussatlyk bilen peýdalanmak okatmak zähmetiniň güýçlüligini, okatmak protsesiniň tehnik derejesini artdyrýar. Emma bu gurallary üstünlikli ulanmak üçin metodik, tehnik bilimleri, mugallymyň gönükmelerini we ukyplaryny hemişe jedelleşdirip barmak lazym.

